TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

A.I. Aşyrow

MATERIALLARYŇ GARŞYLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

A.I. Aşyrow, MATERIALLARYŇ GARŞYLYGY.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

Kitapda inžener-tehniki konstruksiýalar taslananda onuň bölekleriniň berkligine, gatylygyna, durnuklylygyna baha bermek meseleleri öwrenilýär. Konstruksiýa ulanylýan wagtynda ýüze çykyp biljek deformasiýalar giňişleýin öwrenilýär we olaryň hasaplanyş usullary barada maglumat berilýär. Materialyň fiziki mehaniki häsiýetleri öwrenilýär. Konstruksiýanyň dartgynlyk ýagdaýy öwrenilýär we oňa baha berilýär. Konstruksiýanyň bölekleriniň durnykly işlemekligi derňelýär we hasaplama usullary görkezilýär. Konstruksiýanyň bölekleriniň statiki we dinamiki güýçlerde işleýşi derňelýär, hasaplaýyş usullary görkezilýär. Maýyşgak esasda işleýän pürslere baha berilýär. Ähtimallyk modeliniň esasynda konstruksiýanyň ygtybarly berkligi öwrenilýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň inžener-tehniki hünärlerini öwrenýän talyplaryna niýetlenen.

Awtor kitaby toplamakda uly goşant goşan GMÖGÖ hünäriniň talyby Atdaýew Isgendere we kafedranyň labarandy Geldibaýewa Amangüle öz minnetdarlygyny bildirýär.

SÖZBAŞY

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Okuw maksatnamasynyň esasynda ýazylan bu kitaby Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

Materiallaryň garşylygy dersi konstruksiýalar we desgalar taslananda onuň bölekleriniň berkligini, gatylygyny durnuklylygyny öwrenýär. Ondan başgada konstruktiw böleklerde döreýän deformasiýalary öwrenip olary hasaplamagy öwredýär. Materiallaryň garşylygy matematika, fizika, nazary mehanika ýaly dersler bilen baglanyşyklydyr. Görkezilen dersleri özleşdirmän bu sapagy öwrenmek mümkin däldir. Materiallaryň garşylygynda nazary mehanikanyň usullary ulanylýar esasy hem statika diýlen bölümi şeýlede matematikanyň usullary giňden ulanylýar. Talyplaryň wagtynyň çäklidigini göz öňünde tutmak bilen, kitap ýazylanda gysgaldylan görnüşde berildi. Şol bir wagtda, ýokary kärli inžener-tehniki taýýarlygy üpjün etmek üçin Materiallaryň garşylygy dersiniň ähli usullary gysga görnüşde görkezildi. Şeýlede goşmaça gollanma diýen böleginde özbaşdak işlemek we bilimini artdyrmak üçin birnäçe wariantlar hödürlendi.

1. ESASY DÜŞÜNJELER

1.1. Materiallaryň garşylygy ylmynyň seredýän meseleleri we onuň ösüş ýoly

Gurulýan desgalaryň we konstruksiýalaryň ýük göteriji böleginiň berkligini, gatylygyny we durnuklylygyny hasaplaýan ylyma **gurluşyk mehanikasy** diýilýär. Bu hasaplamalarda ulanylýan esasy düşünjeleri we ýörelgeleri öwrenýän derse **materiallaryň garşylygy** diýilýär. **Materiallaryň garşylygy** dersi esasy hem konstruksiýalaryň aýratyn bölekleriniň berkligini, gatylygyny we durnuklylygyny hasaplaýar, we onuň işlemäge ukyplylygyny ýa-da däldigini görkezýär.

Berklik. Ýasalan konstruksiýanyň we desganyň goýlan güýji döwülmän göterip bilmek ukybyna onuň berkligi diýilýär.

Gatylyk. Konstruksiýanyň belli bir çäkde goýlan ýüki özüniň geometriki ölçegini we şekilini üýtgemän göterip bilmek ukybyna onuň gatylygy diýilýär.

Durnuklylyk. Konstruksiýanyň ýa-da onuň bölekleriniň goýlan güýjiň täsiri netijesinde başky maýyşgak, deňagramlyk şekilini saklap bilmek ukybyna onuň durnuklylygy diýilýär.

Islendik konstruksiýa ýa-da onuň bölegi güýjiň täsiri netijesinde başlangyç şekilini we geometriki ölçegini üýtgetmäge ukyplydyr. Bu ýagdaýda **deformasiýa** diýilýär. Mysal hökümünde iň ýönekeý konstruksiýany getirmek bolar.

Meselem: Potologa asylan sima seredip geçeliň.



1-nji surat.

Suratdan görnüşi ýaly ýüküň artmagy bilen simiň uzynlygy hem artýar, ýagny deformirlenýär.

Eger-de ýüküň aýrylmagy bilen konstruksiýa özüniň başlangyç şekilini alyp bilýän bolsa onda oňa **absolýut** deformasiýa diýilýär. Eger ol ýüküň aýrylmagy bilen başlangyç şekilini alyp bilmeýän bolsa onda bu ýagdaýda **galyndy** deformasiýa diýilýär. Galyndyly deformasiýanyň emele gelmegi bilen konstruksiýa döwülmeýär, emma şondada du ýagdaýy döwülme ýagdaý bilen deň seredilýär. Ýagny bu ýagdaýda konstruksiýa özüne goýlan talaby doly ýerine ýetirip bilmeýär. Bu ýagdaýda konstruksiýanyň berkliginiň bozulan ýagdaýy hököminde seredilýär.

Konstruksiýa kadaly ýagdaýda işlemek üçin onuň ähli bölekleri berklik, gatylyk we durnuklyk şertini kanagatlandyrmalydyr. Materiallaryň garşylygy dersiniň gutarnykly **maksady** ýasalýan konstruksiýa, az çykdaýjy edip onuň kadaly işlemegini gazanyp bolar ýaly geometriki ölçegleri saýlamakdan ybaratdyr.

Bu ylym özüniň nazaryýet bölüminde, nazary mehanika, matematika, fizika we materiallaryň laboratoriýa şertinde alnan mehaniki häsiýetlerine daýanýar. Bu ylmy esaslandyryjy hököminde beýik italiýan alymy Galileo Galileý hasaplanýar. Ol birnäçe konstruksiýalaryň berkligini derňemek işlerini amala aşyrypdyr.Güýç bilen deformasiýanyň arasyndaky baglanşygy hasaplamak iňlis alymy Robert Guk başarypdyr. Matematikanyň we mehanikanyň ösmegi, materiallaryň garşylygy ylmynyň hem ösmegine getiripdir. Bu ýerde Peterburg akademiýasynyň beýik alymy L. Eýleri agzaman geçmek bolmaz. Materiallaryň garşylygy ylmynyň ösmeginde uly goşant goşan beýik alymlary agzaman geçmek asla mümkin däl. Olardan Sen-Wenany, Koşini, Naweni, Puasany, Mory, D.I. Iwranowsiki, A.Ç. Golowini, F.S. Ýasinskini, S. Timosenkany görkezek bolar. Soňky ýyllarda bu ylymy ösdürmekde uly goşant goşan alymlaryň birnäçesini belläp geçeliň W.Z.

Wlasow, N.N. Dawidenko, S.W. Serenden, A.D. Dinnik, Ýu.N. Rabotnow, A.A. Umanskiý, A.A. Ilýuşin, S.D. Ponomarew, W.Y. Feodoseew, A.F. Smirnow, N.Y. Bezuhow, A.B. Darkow, S.Y. Nikiforow.

1.2. Materiallaryň gurluşy we deformasiýasynyň häsiýeti baradaky esasy çaklamalar

Tebigatda öwrenilýän ähli materiallar dürli fiziki-mehaniki häsiýetlere eýedirler. Olaryň baryny hasaba alýan modeli düzmek örän kyn bolýar. Eger-de düzülendede ol örän çylşyrymly hasaplamalara alyp barýar. Beýle model ähli materiallara degişli ýeke-täk nazaryýeti döretmäge mümkinçilik bermeýär. Şol sebäpden materiallar üçin şu saklamalary ulanýarys.

☛ **ÜNS BERIŇ**

Material deň düzümli we üznüksiz hasaplanýar. Ýagny materialyň ähli nokatlarynda onuň fiziki-mehaniki häsiýetleri bir meňzeş, we materialyň ähli göwrümi boşluksyz doldurylan. Meselem: beton, kerpiç, agaç ýaly materiallar bu saklama doly gabat gelmeselerem biz ony şeýle kabul edýäris.

Konstruksiýanyň materiallary izotrop häsiýete eýedir. Ýagny material hemme ugurda deň işleýär. Meselem: agaç material üçin bu saklama doly ulanyp bolmaýar, sebäbi ol dürli ugurda dürli işleýär.

Daşky güýjiň täsiri netijesinde döreýän deformasiýa (jisimiň öz ölçegine görä) örän kiçi hasaplanýar.

Güýçler ulgamynyň jisime täsiri her haýsy güýçleriň aýratynlykdaky täsiriniň jemine deňdir (superpozisiýa ýörelgesi).

Bu çaklamany, eger ýük ýüklenýän material maýygşak bolanda we deformasiýa örän kiçi bolanda ulanyp bolýar. Çaklamalardan görnüşi ýaly materiallaryň garşylygynda çözülýän meseleler takyk bolman ýakynlaşma görnüşinde bolýar, şol sebäpli deformirlenýän jisimlerde bolup geçýän käbir ýagdaýlara materiallaryň garşylygy doly jogap berip bilmeýär. Ýöne barlaglaryň netijeleri materiallaryň garşylygynda çözülýän meseleleriň önümçilikde ulanylýan konstruksiýalara gerek takyklygy berýändigini görkezýär.

☛ **ÜNS BERIŇ!**

* Güýji täsir edýän çyzygynyň ugrunda islendik ýere süýşürip bolmaýar. Ol deformasiýanyň häsiýetini we ulylygyny üýtgedýär.



2-nji surat

Nazary mehanikada bolsa muňa mümkinçilik berilýär sebäbi jisimi absolýut gaty hasaplaýarys.

* Güýji täsir etýän çyzygynyň ugrunda islendik ýere süýşürip bolmaýar. Ol deformasiýanyň häsiýetini we ulylygyny üýtgedýändigini berk ýatsda saklamalydyr.



3-nji surat

"P" güýji onuň deň täsir edijisi "R" bilen çalyşsak düýpden başga görnüşli deformasiýa berýär.

1.3. Materiallaryň garşylygy dersinde öwrenilýän konstruksiýanyň bölekleri

Pürs. Bir ölçegi kese kesiginiň beýleki iki ölçeginden has uly bolan konstruksiýanyň bir bölegi.



4-nji surat Pürs

Syryk (sterženj). Ýuka we uzyn pürse syryk diýilýär. Onuň ulanşyna görä sütün hem diýilýär.



5-nji surat Sütün

Balar (balka). Daýançda ýatan pürsiň okyna perpendikulýar ýa-da kese güýç goýulsa onda oňa balar diýilýär.



6-njy surat

a) Ýönekeý balar, *b)* Ganatly balar (konsol)

Tekizgabyk (plastinka). Eger galyňlygy beýleki iki ölçeginden örän kiçi bolsa onda oňa plastinka diýilýär.



7-nji surat Tekizgabyk (plastinka)

Gabyk (oboloçka)

Oky egri görnüşde bolan tekizgabyga gabyk diýilýär. Mysal hökmünde rezerwuary, baky, silosy getirmek bolar.



8-nji surat Gabyk (oboloçka)

Massiw jisim. Eger ähli ölçegleri deň ýa-da oň golaý bolan jisimlere massiw jisimler diýilýär. Bu konstruksiýanyň bölekleri maýyşgaklyk teoriýasynda giňişleýin seredilýär.

1.4. Konstruksiýanyň hasaplaýyş şekili we oňa täsir edýän güýçler

Hasaplaýyş şekili. Konstruksiýanyň işleýşine az täsir edýän faktorlary hasaba alman sadalaşdyrylyp düzülen iş modeline hasaplaýyş şekli diýilýär.

Oňa täsir edýän güýçlere we olaryň toparlara bölüşine seredip geçeliň.

Bir nokatda goýlan güýçler. Eger konstruksiýa täsir edýän güýç onuň örän kiçi meýdanyna täsir edýän bolsa onda oňa bir nokatda goýlan güýç diýilýär.



9-njy surat Bir nokatda goýlan güýçler

Sen Wenanyň ýörelgesiniň esasynda güýjiň goýlan nokadyndan uzaklaşan nokatlardaky içki güýçleriň bahasy güýjiň goýluşyna bagly däldir.

Ýaýran güýçler. Eger konstruksiýa täsir edýän güýç onuň meýdanynyň köp bölegini tutýan bolsa onda oňa bir nokatda goýlan güýç hökmünde seredip bolmaýar. Olara ýaýran güýç hokmünde seretmeli, deňagramly we deňagramsyz ýaýran güýçlere bölünýärler.



b)



10-njy surat

a) Deňagramly ýaýran güýçler, *b)* deňagramsyz ýaýran güýçler.



P – bir nokatda goýlan güýç
q – çyzgyda ýaýran güýç
P′ – belli bir üste ýaýran güýç
R – bir nokatda goýlan daýanç güýji

11-nji surat

Güýçleriň konstruksiýa täsir edişine görä iki topara bölünýärler. Birinjisi **statiki ýükler**, ikinjisi **dinamiki ýükler.** Statiki güýç diýilip wagta görä üýtgemeýän güýje aýdylýar, ýa-da üýtgesede örän haýal üýtgeýän we onuň üýtgeýiş täsirini hasaba alynmaýan güýçler. Dinamiki güýç bolsa tizlenmäniň hasabyna inersiýa güýjini döretmäge ukyply güýçler bolýarlar.

Ondan başgada wagtlaýyn we üýtgeýän, wagta görä sikleýin üýtgeýän güýçler bolýarlar.

1.5. Deformasiýalar we içki güýçler barada düşünje

Konstruksiýa güýç täsir edende ol konstruksiýada deformasiýa bolup geçýär. Ony şeýle göz öňüne getirip bolar, ýagny jisim birnäçe kiçi böleklerden durýar, güýjiň täsiri netijesinde olar biri-birinden süýşýärler olary yzyna getirmäge synanşýan güýje **içki güýç** diýilýär. Diýmek içki güýjiň bahasy daşky güýje bagly bolýar, ýöne içki güýç tükeniksiz artyp bilmeýär, şol sebäpden konstruksiýada döwülme prosesi bolup geçýär. Diýmek içki güýjiň nähili bahalara eýe bolýanyny bilmezden konstruksiýanyň berkligine baha berip bolmaýar. Içki güýçler **kesikler** usuly bilen hasaplanýar.



N_z – boý güýç
Q_x, Q_y – kese güýç
M_x, M_y, M_z – egilme momenti
M_t – towlanma momenti



12-nji surat

Içki güýçleriň döredýän deformasiýalary

№	**Içki güýçler**	**Içki güýçleriň döretýän deformasiýalary**	**Şol deformasiýalara işleýän konstruksiýalar**
1	Normal ýa-da boý güýç N	Süýnme we gysylma	
2	Kese güýç ýa-da Q	Süýşme ýa-da orun üýtgeme	
3	Egiji moment Me	Egilme	
4	Towlaýjy moment Mt	Towlanma	

1.6 Güýjenme (naprýaženiýe) barada düşünje
Güýjenme (dartgynlylyk).

Içki güýjüň birlik meýdana düşýän bahasyna güýjenme diýilýär. Onuň orta bahasy şeýle hasaplanýar:

$$Por = \frac{\Delta P}{\Delta A} \quad (\mathbf{1}) \qquad Por = \lim_{AA\to 0} \frac{\Delta P}{\Delta A} \quad (\mathbf{2})$$



13-nji surat

$$\sigma = P \cdot sin\ \alpha \ \ (\mathbf{3}) \quad \tau = P \cdot cos\ \alpha \ \ (\mathbf{4})$$

Doly güýjenme $P = \sqrt{\sigma^2 + \tau^2}$ $(\mathbf{5})$

Bu ýerde: P – doly güýjenme σ – normal güýjenme
τ – gatlaşma güýjenme

2. SÜÝNME WE GYSYLMA DEFORMASIÝALARY

2.1. Süýnmede we gysylmada döreýän içki güýçler. Kese-kesikdäki normal güýjenme

Eger konstruksiýa täsir edýän güýç onuň ok simmetriýasynda goýulan bolsa, onda onuň goýulan ugruna görä süýnme we gysylma deformasiýasy döreýär.



1-nji surat

Kese-kesikde döreýän içki güýçleri tapmak üçin **kesikler usuly** ulanylýar.

2-nji surat

Kesikler usulynyň manysy konstruksiýanyň bölegini tekizligiň kömegi bilen iki bölege bölýäris. Bir bölegini alyp galyp beýleki böleginiň galan bölegine edýän täsirini içki güýçler hököminde görkezýäris. Hasaplanylýan şekiliň deň agramlylygyny kanagatlandyrýarys, we şonuň esasynda içki güýçleri ($\sum x=0$ $N-P=0$ $N=P$) tapýarys. Şekilde görnüşi ýaly kese-kesikdäki güýjenme deňagramly ýaýraýanlygy sebäpli içki güýji ($N=\sigma F$) görnüşde tapmak bolýar.

Güýjenme bolsa $\sigma = \frac{N}{A}$ formula bilen tapylýar.

Içki güýjiň we güýjenmäniň okyň ugruna görä nähili üýgeýändigini görkezýän grafige onuň epýury diýilýär.

☞ **Üns beriň!**

Alamatyň goýlyşy * kesikden gaýdýan içki güýç položitel alynýar (+)





kesige gaýdýan içki güýç otrisatel alynýar.(-)

☞ Epýurdaky geçirilýän çyzyklar boý oka perpendikulýar bolmaly.

☞ Epýuryň kordinatalarynda san bahalar bolmaly bütin epýuryň meýdany hem (+) ýa-da (-) aňlatma bilen görkezilmeli.

☞Eger epýur bir nokatda dürli baha alýan bolsa, onda ol okdan bir tarapda bolsa olaryň san bahasynyň tapawudy daşky güýje deň bolmaly. Eger okdan dürli tarapda bolsa, onda san bahasynyň jemi daşky güýje deň bolmaly.

☞Eger konstruksiýa gysylma deformasiýasyna işleýän bolsa, onda onuň berklik kanuny hasaplamakda içki güýjiň moduly alynýar. /-N/=N

Materiallaryň garşylygyny hasaplamak boýunça seredilýän meseleleri üç topara bölmek bolýar:

1-nji topar. Göni işlenýän meseleler, ýa-da barlag hasaplamalary. Bu meselelerde belli ýüklerden we geometriki ölçeglerden döreýän güýjenmeler, deformasiýalar hasaplananyp ony bu parametleriň çäkleri bilen deňeşdirýärler. $\sigma_{max} \leq R$ (1)

2-nji topar. Taslama meseleleri. Konstruksiýa goýulan ýükleri göterip biljek materialyň kese-kesiginiň minimal ölçegleri hasaplanylýar. $A = \frac{N_{max}}{R}$ (2)

3-nji topar. Konstruksiýany ekspluatirlemek meseleleri. Konstruksiýanyň ýasalan materialy we onuň geometriki ölçegleri berlen ýagdaýda oňa goýulýan güýjiň çäginiň maksimal bahasyny hasaplamak meseleleri. $N_{max} \leq AR$ (3)

N_{max} - içki güýjiň maksimal bahasy.

A – kese-kesigiň meýdany.

R – materialyň hasaplaýyş garşylygy.

Mysallara seredip geçeliň

<u>Mysalyň şerti:</u>

Diametri Ø2sm bolan syryga (sterjžene) goýup boljak güýjiň (P) çägini hasaplamaly. Materialyň hasaplaýyş garşylygy R=210MПa.

<u>Çözülişi:</u>

Bu mesele konstruksiýany ekspluatirlemek toparyna degişli.



Hasaplanýan konstruksiýa ganatly pürs (konsolnaýa balka) bolany üçin daýanç güýç-lerini hasaplamagyň manysy ýok. Sebäbi ganatly pürsler hasaplananda içki güýçler kese-kesigiň daýançsyz tarapyndan hasaplanýar.

3-nji surat

AB bölek (I-kese- kesik.)



Deňagramlyk deňlemesini kanagatlandyrýarys.
$\sum x=0$ N_1-P=0 N_1=P (sünmä işleýär)

BS bölek (II-kese- kesik.)



Deňagramlyk deňlemesini kanagatlandyrýarys.
$\sum x=0$ N_2+3P-P=0 N_2=P-3P= - 2P (gysylma işleýär)

☞Epýuryň bökýän ýerinde içki güýçleriň her biri onuň bir tarapyna ýerleşýär we şol sebäpli ol ikisiniň jemi daşky güýje deň. N_{max} =/-2P/=2P ol sag bölekde işleýär.

Kese kesikde rugsat berip bolýan boý güýjiň maksimal bahasyny onuň berklik kanunyndan tappyp bolýar ($\sigma_{max} == \frac{N_{max}}{A} \le R$) $N_{max} = R \times A = 210 \times 10^6 \times \frac{3{,}14(2\times102)2}{4}$= 66 kH

Howuply kesikde 2P deň bolan güýç täsir edýär, onda rugsat berýän güýç $P=\frac{N_{max}}{2}$ = 33 kH

2.2. Süýnmede we gysylmada döreýän deformasiýa Gukyň kanuny Maýyşgaklyk koeffisiýenti

Laboratoriýada geçirilýän tejribeleriň görkezilişi ýaly sünýän konstruksiýanyň böleginde sünme wagtynda onuň uzynlygynyň ulanýandygy ininiň bolsa kiçelýändigi görünýär. Gysylmada bolsa oňa ters proses bolup geçýär.



4-nji surat



5-nji surat

Pürsüň täsir edýän güýji netijesinde uzalamagyna absolýut uzalma diýilýär. Ol Δl bilen bellenilýär. Ölçegi (m,sm,mm) görkezip bolýar. Absolýut deformasiýanyň pürsiň uzynlygyna bolan gatnaşygyna otnositel deformasiýa diýilýär. $\varepsilon = \Delta l \div l$ (4)
Bu deformasiýanyň ölçeg birligi bolmaýar. Materiallaryň garşylygynda güýji we onuň döredýän deformasiýasynyň arasyndaky baglanşygy öwrenmek örän wajyp. Absolýut deformasiýa bilen ony döredýän güýjiň arasynda şeýle baglanşyk bar

Bu ýerde: Δl - Absolýut deformasiýa;

$\Delta l = \frac{Pl}{EA}$ (5) P- Goýulan güýç; l - uzynlyk

E - maýyşgaklyk koeffisiýenti;

A - Kese kesigiň meýdany.

Eger, konstruksiýa köp güýç täsir edýän bolsa, onda hasaplanylýan kesikdäki içki güýjiň bahasy alynyp formula şeýle görnüşe geçýär. $\Delta l = \frac{Nl}{EA}$ (6)

Formulanyň iki tarapyny hem bölsek $\varepsilon = \frac{\sigma}{E}$ (7)

Bu (7) formula **Gukyň kanuny** diýilýär.

☞Normal güýjenme otnositel boý deformasiýa göni proporsionaldyr.



6-njy surat

6-njy suratda görnüşi ýaly Gukyň kanuny diňe güýjenmäniň proporsionallyk çägine çenli dogrydyr.

Mysallara seredip geçeliň

Mysalyň şerti:

Uzynlygy l=5m, kese kesiginiň diametri Ø16mm bolan tegelek syrygyň absolýut we otnositel deformasiýasyny tapmaly.

Berilisi:
d=16mm
l=5m
P=40kH
σ_{pr}=200MH/m^2
E=2·10^{5}MH/m^2
Öz agramyny hasaba almaly däl.



7-nji surat

Çözülişi:

Ilki bilen $\Delta l=\frac{Nl}{EA}$ formulany ulanyp bolýan ýa-da bolmaýandygyny kesgitlemeli. Şonuň üçin işçi güýjenme proporsionalylyk çäginden kiçi bolmaly. $\sigma=\frac{P}{A}\leq\sigma_{pr}$

P=40kH=40×10^3 H=40×10^2 kg=4000kg

$$A=\frac{\pi d^2}{4}=\frac{3{,}14(1{,}6)^2}{4}=2{,}01sm^2$$

σ=4000÷2,01=1990,04kg/ sm^2

σ_{pr}=200MH/m^2=2000kg/sm^2

Içki güýjenme proporsionalylyk çäginden kiçi bolan soň deformasiýany görkezilen formula arkaly hasaplap bolýar. Δl=

$$\frac{4000\times500}{20\times106\times2{,}01}=\frac{20\times105}{4{,}02\times106}=\frac{2\times106}{4{,}02\times106}=\frac{2}{4{,}02}=0{,}5sm^2$$

Onda otnositel deformasiýa $\varepsilon=\frac{\Delta l}{l}$ =0,5:500=0,000995=0,001sm

2.3 OTNOSITEL KESE DEFORMASIÝA

Puassonyň koeffisiýenti (kese deformasiýa koeffisiýenti)

Eger pürsüň deformasiýa wagtynda boý uzynlygy uzalýan bolsa, onda az mukdarda bolsa-da onuň kese-keseginiň ölçegi hem üýtgeýär. Ýagny kese-keseginiň daralmagyna getirýär. Eger-de gysylma deformasiýasyna işlese kesiginiň giňelmegine getirýär. Şonuň üçin matirialyň umumy häsiyetini bilmek üçin onuň maýyşgaklyk koeffisiýentini bilmeli. Şonuň üçin materialyň umumy häsiýetini bilmek üçin maýyşgaklyk koeffisiýentinden, başga-da, onuň kese-keseginiň üýtgemegini bilmek zerur bolýar.



Kese-kesegiň geometriki ölçeginiň üýtmegi:

$\Delta b = b - b_1$ **(8)**

Eger bu ululygy uzynlyga paýlasak onda:

$$\varepsilon' = \frac{\Delta b}{b} \quad \textbf{(9)}$$

E'-kese-kesigiň otnositel deformasiýasy.

8-nji surat

Puassonyň koeffisiýenti: $\mu = \left|\frac{\varepsilon'}{\varepsilon}\right|$ ***(10)***

Onda Puassonyň koeffisiýenti kese deformasiýa boý deformasiýanyň näçe bölegini düzýändigini görkezýär. Ylmy barlaglar bu koeffisiýentiň bahasynyň dürli materiallar üçin 0≤ μ ≤0,5 aralykda bolýandygyny görkezdi.

Dürli materiallar üçin Puassonyň koeffisiýenti

№	Materiallar	μ
1	Polat	0,25÷0,33
2	Çoýun	0,23÷0,27
3	Alýumin	0,26÷0,36
4	Beton	0,08÷0,18
5	Aýna	0,25
6	Daş	0,16÷0,34

☞*Üns beriň:*

☞Puassonuyň koeffisiýenti we maýyşgaklyk koeffisiýenti diňe izotrop materiallar üçin hemişelik baha eýedir.

☞Anizotrop materiallar üçin (adaç, aýna) dürli ugra görä bu koeffisiýentiň bahalary aýratyndyr.

Mysal:

Mysalyň şerti:

Diametri d=2sm bolan polat çaty (stropila) dartgysy P = 50*kN* güýç bilen süýndirilýär. Deformasiýadan soňky ýagdaýyndaky dartgynyň diametrini hasaplamaly

Berlişi

d=2*sm*

P=50*kN*=50·10²*kg*

μ=0,25

$E=2\cdot10^5\frac{MN}{\mu^2}=2\cdot10\frac{kg}{sm^2}$

Materialy –polat

d_1=?

Çözülişi:

1. Dartgynyň kese-kesigininň meýdanyny hasaplamaly.

$$A = \frac{\pi d^2}{4} = \frac{3,14(2)^2}{4} = 3,14sm^2$$

2. Dartgynyň otnositel deformasiýasyny hasaplamaly.

$$\varepsilon = \frac{P}{AE};$$

$$\varepsilon = \frac{5000}{2{\cdot}10^6{\cdot}3,14} = \frac{5}{2{\cdot}10^3{\cdot}3,14} = \frac{5}{6280} = 0,0008$$

3. Kesikdäki otnositel gysylma deformasiýasyny kesgitlemeli.

$\varepsilon' = \mu \cdot \varepsilon = 0,25 \cdot 0.0008 = 0,0002$

4. Kese gysylmanyň absolýut bahasyny kesgitleýäris.

$\Delta d = \varepsilon 1d = 0,0002 \cdot 2 = 0,0004sm.$

5. Dartgynyň deformasiýadan soňky diametrininň üýtgeýşini hasaplaýarys.

$d_1 = 2 - 0,0004 = 1,9996sm.$

Mysaldan görnişi ýaly kese-kesikde döreýän deformasiýa örän ujypsyz baha eýe bolýar. Onuň başlangyç diametri üýtgemeýär, şol sebäpden praktiki meselelerde onuň bahasyny hasaba almaýarlar.

2.4 LABORATORIÝA ŞERTINDE MATERIALLARYŇ MEHANIKI SYNAGY

Süýnme we gysylma deformasiýasyna işleýän materiallary laboratoriýa şertinde döwülme çägine çenli synag geçirip, onuň özüni nähili derejede alyp barýanlygy öwrenilýär. Materiallary onuň mehaniki häsiýeti boýunça 2 topara bölmek bolar:

1. Maýyşgak materiallar.

2. Port materiallar.

Maýyşgak materiallar birnäçe galyndyly deformasiýa emele gelenden soň döwülýär. Port materiallar bolsa, örän az deformasiýada döwülýärler.

☞*Üns beriň:*

☞ Emma ýene bir belläp geçmeli zat: şol bir material iş şertine görä maýyşgak ýagdaýdan port ýagdaýa geçip biler. Meselem: Polat, normal polozitel temperaturada özüni maýyşgak material hökmünde alyp barýar, pes otrisatel temperaturada bolsa özüni port material hökmünde alyp barýar.

Materiallaryň mehaniki häsiýeti

№	Materiallaryň ady	Mehaniki häsiyetleri	
1	Az uglerodly polat	Maýyşgak	_____
2	Çoýun	_____	Port
3	Mis	Maýyşgak	_____
4	Beton	_____	Port
5	Bürüç	Maýyşgak	_____
6	Daş	_____	Port
7	Alýumin	Maýyşgak	_____
8	Kerpiç	_____	Port

Materiallaryň süýnmä synagy

Standart şekilli nusganyň uçlaryny döwüji maşyna berkitýärler. Soňra maşyny işledip, nusgany süýndirip başlaýarlar. Süýndirilýän nusga urgy we itergi düşmez ýaly, güýji ýuwaş artdyrýarlar. Eksperimendiň dowamynda goýulýan güýji we onuň berýän uzalmasyny ölçäp durýarlar. Synag maşynynda ýörite diagrammany çyzýan guraly bolup, ol eksperimendiň netijesini çyzgyda görkezýär. Başlangyç momentde σ=0; ε=0. Güýjiň ýuwaşdan artmagynyň esasynda käbir aralyga çenli güýjenme bilen deformasiýa göni çyzykly kanuna boýun bolup, artmagyny dowam edýär. Işiň bu oblastlarynda prosses Gukyň kanuny boýunça bolýar. Ol çyzgynyň OA bölegidir. Gönininiň gutarýan nokadyndaky güýjenmä güýjenmäniň ***proporsianallyk çägi*** diýilýär we ol σ_{pr} diýip belllenilýär. Çyzgynyň AB böleginde σ we ε arasyndaky göni çyzykly baglanyşyk bozulýar we deformasiýa güýjenmeden köp öçüp başlaýar. Bu oblastda eýýäm Gukyň kanuny işlemeýär. BC-bölekde deformasiýa oka parallel bolup, güyjenme artmazdan deformasiýa artýar. Bu ýagdaýa material akýar diýilýär. Gorizontal gönüniň duran ýerine ***güýjenmäniň akmak çägi*** diýilýär we σak diýip bellenilýar. Materialyň akýan ýagdaýynda nusgada çala görünýän ştrihler emele gelýär. Olar kese-kesege takmynan 35° töweregi bolýar. Bu ştrihe ***Lýuders-Çernowyň çyzygy*** diýilýär. Ony nusgada emele gelen galyndyly deformasiýa döredýär.

Süýnme diagrammasy



9-njy surat

Galyndyly deformasiýany bolsa galtaşma güýjenmesi döredýär. C nokatdan D nokada çenli güýjenme bilen deformasiýanyň arasyndaky göni çyzykly baglanyýyk ýitýär. Nusgada maýyşgak deformasiýadan başga-da galyndyly deformasiýa döredýär. D nokatda nusganyň alýan iň uly ýüki bolýar, oňa degişli güýjenmä ***materialyň berklik çägi*** diýilýär.

Ol σ_{berk} diýip bellenilýar. Bu ýagdaý materialyň berlen kese-keseginde göterip bilýän iň uly ýüküne ýetilende nusganyň belli bir ýerinde kese-keseginiň kesilmegi emele gelýär. Nusganyň bu nokadynda bogunjyk emele gelýär. Bogunjyk inçelip, grrafigini E nokadynda nusganyň üzülmegi bolup geçýär

P - 3 polat materialynyň synagda alan netijelerini mysal hökmünde görkezeliň.

Poladyň mehaniki häsiýeti

Materiallaryň ady	**Mehaniki häsiýetleri (kg/sm²)**					
	σ_o-başlangyç	**σ_{pr}**	**σ_{ak}**	**σ_{berk}**	**δ**	**ψ**
Polat - 3	**0**	**2000**	**2400**	**4200**	**8-28%**	**30-70%**

Eger ýük aýrylanda synag nusgasy öňki ölçegini almaga ukypply bolsa, onda oňa maýyşgak deformasiýa diýilýär. Eger ýük aýrylanda deformasiýanyň bir bölegi galyp, synag nusgasy öňki uzynlygyndan uzalsa, onda oňa galyndyly deformasiýa diýilýär. Bu oblastda işleýän nusganyň deformasiýasy şeýle hasaplanýar:

$$\varepsilon = \varepsilon_{maýş} + \varepsilon_{gal} \quad (11)$$

Materialyň maýyşgaklyk derejesi aşakdaky parametrler bilen hasaplanýar:

$$\delta = \frac{\Delta l_{gal}}{l} \cdot 100\% \quad (12) \qquad \psi = \frac{A - A_0}{A} \cdot 100\% \quad (13)$$

Bu ýerde:

δ - üzülen wagtyndaky galyndyly deformasiýa.
Δ_{lgal} - galyndyly absolýut deformasiýa.
l - başlangyç uzynlyk.
ψ - otnositel galyndyly daralmak.
A - kese-kesegiň başlangyç meýdany.
A_o - üzülen ýerindäki, ýagny bogunjygyň meýdany.

δ we **ψ** uly bolsa materialyň has maýyşgakdygyny görkezýär. **A** nokatdan azyrak ýokarda güýjenmäniň maýyşgaklyk çägi ýerleşýär. Onda bolýan galyndyly deformasiýa örän az (0,001÷ 0,005%), şonuň üçin $\sigma_{maýş} = \sigma_{pr}$ hasaplanýar.

☞Üns beriň:

☞σ_{pr} - güýjenmäniň proporsionallyk çägine çenli Gukyň kanuny işläp bilýär.

☞$\sigma_{maýş}$ - güýjenmäniň maýyşgaklyk çäginden galyndyly deformasiýa başlaýar, ýöne onuň başlaýan ýerini σ_{pr} bilen deň hasaplanýar. Sebäbi bu nokatda deformasiýa örän az bolýar we $\sigma_{maýş} = \sigma_{pr}$ hasap etmäge mümkinçilik berýär.

☞σ_{ak} - güýjenmäniň akmak synag edilýän nusganyň deformasiýanyň güýje bagly bolmazdan artýan bölegidir.

☞σ_{berk} - güýjenmäniň berklik çägi nusganyň başlangyç meýdanynda göterip bilýän aňry baş çägidir. Käbir materiallar üçin eksperementiň berýän netijelerini tablisa görnüşde görkezeliň:

Güýjenmäniň çäkleri

Materialyň ady	Güýjenmäniň akmak çägi		Güýjenmäniň berklik çägi	
	Mn/m²	*kg/sm²*	*Mn/m²*	*kg/sm²*
Polat – 3;4	210 ÷ 260	2100 ÷ 2600	380 ÷ 520	3800 ÷ 5200
Beton (gysylanda)	———	———	7 ÷ 50	70 ÷ 500
Kerpiç	———	———	8 ÷ 30	80 ÷ 300
Agaç (sosna) süýnmede	———	———	80 ÷ 300	800 ÷ 3000
Alýumin erginine dürli himiki elementleriň goşulmagyndan alynýan materiallar				
Amg 61 - M	280	2800	390	3900
D 16 - T	280	2800	430	4300

2.5 SÜÝNMEDE WE GYSYLMADA, DAŞKY WE IÇKI GÜÝÇLERIŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN IŞI. MATERIALLAR ÜÇIN RUGSAT GÜÝJENMESI. BERKLIGIŇ ÄTIÝAÇLYK KOEFFISIÝENTI

Süýnme we gysylma deformasiýanyň diagrammasyndan ýene bir häsiýetnama alyp bolýar. Bu häsiýetnama synag edilýän nusganyň üzülmegi üçin sarp edilin işdir. Bu parametr bilen belli bir materialyň ugra bolan garşylygyny häsiýetlendirýäris. Eger ýetilen işiň ululygy näçe uly bolsa, şonça-da materialyň ugra bolan çydamlylygy uly bolýar.

__Güýç bilen deformasyýanyň arasyndaky baglanşyk.__



10-njy surat

Synag edilýan nusganyň üzülmä çenli çyzan grafiginiň meýdany onuň üzmek üçin sarp eden işi hasaplanýar. Onda OBDEN grafigiň meýdany onuň eden işidir we ony A1 beleýaris.

☞Üns beriň:

Eger materiallaryň işleýşiniň maýşgaklyk çägindäki iş hasaplanýan bolsa onda Δ OAK urbypçylygyň meýdany hasaplanýar.

$$A_1 = \frac{P \cdot \Delta l}{2} = \frac{P \cdot \Delta l}{2EA} = \frac{P^2 \cdot l}{2EA} \quad (14)$$

☞Umumy meýdan bolsa

$$A_{uzil} = A_1 + A_2 + A_3 \quad (15)$$

Onda edilýan işiň meýdany näçe uly bolsa şonçada onyň maýşgaklyk häsiýeti ulydyr. Deformasiýanyň potensial energiýasy edilen işe deňdir.

$$U = A = \frac{P^2 l}{2EA} = \frac{\sigma^2 A l}{2E} \quad (16)$$

Maýşgak deformasiýanyň udel işi şeýle hasaplanýar.

$$u=\frac{\sigma^2}{2E};\quad u=\frac{P^2}{2EA^2} \qquad (17)$$

☞Deformasiýanyň potensial energiýanyň şeýle göz öňine getirmek bolýar. Maýşgak jisiwden ýük aýrylanda iş potensial energiýanyň hasabyna erine etirilýar.

Materiallar üçin rugsat güýjenmesi tutuş konstruksiýanyň berkligini gazanmak üçin onuň her bir aýratyn bollegi hem berkligi kanagatlandyrmalydyr.

Güýjenme we deformasiýany öwrenimizden soň konstruksiýanyň bölegini berkligi baradaky pikirimizi hasta giň eltmäge mümkinçilik alýarys. Materialyň berkligini gazanmak üçin oňa rugsat berilýan güýjenmeden az bolmalydyr. Ýagny ol ätiýaçlyk koeffisentine bölinip alynmalydyr.

Ol maýyşgak materiallar üçin

$$[\sigma]=\frac{\sigma_{ak}}{K} \qquad (18)$$

Port materiallar üçin

$$[\sigma]=\frac{\sigma_{berk}}{K} \qquad (19)$$

K - ätiýaçlik koeffisenti.

Süýnme we gysylma deformasiýalarynda maýşgak materiallaryň akmak çäge biri birine özüň ýakynlygy üçin şeýle şerti goýmak bolýar.

$$[\sigma]_{sunme}=[\sigma]_{gysylma}=\frac{\sigma_{ak}}{K} \qquad (20)$$

☞Üns beriň:

*Port materiallaryň örän az galyndyly deformasiýasy bolany üçin we akmak meýdançasy bolmanlygy üçin, ol birden döwülýär. Şol sebäpli onuň ätiýaçlyk koeffisentini uly etmeli.

*Ýüküň ýükleniş häsieti ätiýaçlyk koeffisentini saýlananda onyň ähmiýeti bar.

*Eger konstruksiýa statiki güýje işleýan bolsa onda onuň rugsat güýjenmesi dinamiki güýje işlenende uly alynýar.

*Konstruksiýanyň takyk hasaplanmasy hem rugsat güýjenmesi saýlananda uly ähmiete eýedir.

*Maýşgak materiallar üçin ätiýaçlyk koeffisenti K= $\frac{1,4}{2,0}$

*Port materiallar üçin ätiýaçlyk koeffisenti K= $\frac{2,5}{5,0}$

*Aralyk materiallar üçin (port - maýşgak) K=$\frac{1,6}{2,5}$

Käbir materiallar üçin rugsat güýjenmesiniň bahalary

№№	Materiallaryň ady	Rugsat güýjenmesi akmak			
		Sünme		Gysylma	
		Mn/m²	*kg/sm²*	*Mn/m²*	*kg/sm²*
1	Polat - 3	160	1600	160	1600
2	Mis	30 ÷ 120	300 ÷ 1200	30 ÷ 120	300 ÷ 1200
3	Alýümin	30 ÷ 80	300 ÷ 800	30 ÷ 80	30 ÷ 80
4	Çoýn	28 ÷ 80	280 ÷ 800	120 ÷ 150	1200 ÷ 1500
5	Agaç(sosna)	7 ÷ 10	70 ÷ 100	10 ÷ 12	100 - 120
6	Kerpiç	0,2 çenli	2 çenli	0,6 ÷ 2,5	6 - 25
7	Beton(düzümine baglylykda)	0,1 - 0,7	1 - 7	1 - 9	10 - 90

2.6 ÝÜK GÖTERIJI KONSTRUKSIÝALARYNYŇ MATERIALLARY,WE OLARYŇ HÄSIÝETLERI

Häzirki wagtda biziň Garaşsyz, Bitarap döwletimizde örän köp gurluşyk işleri ýerine ýetirilýar. Ol gurluşyk meýdançalarynda ulanylýan materiallary öwrenmek we konstruksiýada ulanmak örän wajyp meseleriň biridir. Şol sebäpden gurluşykda ulanylýan esasy materiallaryň häsiýetini öwreneliň.

Gurluşyk polady. Gurluşyk polady demir we uglerodyň eredelinden ýasalýan materialldyr. Eger poladyň **uglerodyny** artdyrsaň onuň berkligi artýar, ýone onuň maýşgaklyk häsiýetini azaltýar, şeýlede ony kebşirlemek (swarka) kynlaşýar. Şonuň üçin kebşirlemeli konstruksiýada polat ulanýan bolsa onuň düşümindäki uglerody düzümi 0,25% köp bolmaly däl. GOST 380-71* boýunça polat üç toparda geterilýar A, B, W. Gurluşykda B topary ulanylýar. Olar BP-1, BP-2, BP-3, BP-4, BP-5.

Gurluşykda polatdan ýasalan armaturalar ulanylýar. Olar suryk (sterjen) görnüşinde bolup, dürli görnüşde bolýarlar. Armaturalar daşky görnüşi boýunça ekiz we periodiki profilli bolýarlar.



1 - Boý işçi armatura

2-Baglanşdyryjy konstruktiw armatura

11-nji surat.

Ulanylyşyna görä armaturlar iki görnüşde bolýar. **Birinji** göni ulanylýan armaturlar. **Ikinji** öňünde dartylan armaturlar. Armaturalar mehaniki häsiýetine görä derejelere bölünýärler.

Armaturyň häsiýeti

Armaturyň klasslary	Daşky görnişleri	Deformirlen mäge ukyby	Konstruksiýada ulanylşy
A - I	Tekiz	25%	Montaj armaturasy hökiminde
A - II	Hyrly	19%	Güşlendirilmeýan işçi armatury hökiminde
A - III	Hyrly	14%	Güşlendirilmeýan işçi armatury hökiminde
A - IV	Hyrly	10%	Güşlendirilmeýän işçi armatury hökiminde
A - V	Hyrly	7%	Güşlendirilmeýan işçi armatury hökiminde

Dürli klasly armaturlaryň güýjenmesi bilen deformasiýasynyň arasyndaky baglanşyk ptosent hasabynda.

Güýjenme bilen deformasiýanyň arasyndaky baglanşyk (% hasabynda)



12-nji surat

Beton we demirbeton - häzirki wagtda gurluşyk öncmçiliginde esasy ulanylýan material hököminde beton we gurluşyk polat bolan armaturlaryň görkezmek bolar. Bu iki material bilelikde demir beton konstruksiýasyny emele getirýär.

Beton - emele material bolup, ol sementden iri, meýdan garyndylardan we suwdan ybaratdyr.

Betonyň berkligi onuň düzümindäki suwuň we sementiň gatnaşygyna baglydyr $\frac{suw}{sement}$=0,6 ÷ 0,8 bolanda hereket etmäge galyba gowy ýerleşmäge ukyply beton hasap edilýar. Betonyň düzüminiň deň däldigi hatda örän az gysylmadan çylşyrymly güýjenmeli ýagdaýy döredýär.

Beton fiziki mehaniki häsiýeti

Beton	Fiziki mehaniki häsiýeti.	
	Dykyzlygy	Konstruksiýada häsiýetleri
Gaty agyr beton	2500 kg/m³	Konstruksiýany dürli hilli şol belenmekden goraýar
Agyr beton	2200 ÷2500 kg/m³	Konstruksiýany ähli ýük göteriji böleginde ulanylýar.
Ýeňileşdirilen beton	1800 ÷2200 kg/m³	Konstruksiýany ýük göteriji böleginde ulanylýar.
Ýeňil beton	500 ÷1800 kg/m³	Germew konstruksiýasynda ulanylýan 1200 kg/m³ ýokarsy ýük göteriji konstruksiýada ulanylýar.
Has ýeňil beton	500 kg/m³ çenli	Konstruksiýanyň izolirleýji böleginde ulanylýar.

Beton güýjenmesi bilen deformasiýasynyň arasyndaky baglanşyk (ptosent hasabynda).



R_b - Betonyň berkligi
R_{bt} - Betonyň sünme bolan berkligi
1 - Betonyň maýşgak işleýan bölegi
2 - Betonyň maýşgak işlemeýan bölegi

13-nji surat.

Betonyň armatura bilen birleşip işlemegine demir beton konstruksiýa diýilýar.
Betonyň armatura bilen birleşmegi.

Armaturanyň çykyndysynyň hasabyna birleşme (periodiki proffili armatyrlarda)

a)



Armaturanyň üst tekizliginiň sürtilme güýjiniň hasabyna birleşme (tekiz armatyrlarda)

b)



14-nji surat

Daş we kerpiç materiallary - şu materiallar hem gurluşyk önümçiliginde giňden ulanylýar. Bu materiallary goýulýan talaplar, berklik, sowyga çydamlyk, suwa çydamlyk we gerek dykyzlygyny almak. Bu materiallar güýjini täsir netijesinde maýyşgak şeýlede maýyşgak däl deformasiýaly almaga ukyplydyr.

Kerpiç berklik çägi (gysylmada)

Kerpiçiň markasy	Gurluşyk palçugynyň markasy				
	75	50	25	10	4
150	2	1,8	1,5	1,3	1,2
100	1,7	1,5	1,3	1,0	0,9
75	1,4	1,3	1,1	0,9	0,7
50	1,1	1,0	0,9	0,9	0,6

Kerpiç öriminde güýjenme bilen deformasiýanyň arasyndaky baglanşyk.



15-nji surat

2.7 SÜÝNME WE GYSYLMA DEFORMASIÝASYNA IŞLEÝÄN KONSTRUKSIÝALARYŇ BERKLIGE HASAPLANŞY

Häzirki döwürde süýnmä we gysylma işleýän konstruksiýalar iki görnüşde hasaplanýar.

Birinji - Güýjenmäniň çägi boýunça.

Ikinji - Pridel ýagdaýy boýunça.

Birinji hasaplama

Eger konstruksiýa ekspluatasiýa edilýän wagtynda, oňa örän kiçi maýşgak deformasiýa almaga mümkinçilik berilýän bolsa onda birinji usul bilen hasaplanýar. Bu usulyň manysy her nokatdaky ýüze çykýan hakyky güýjenme, ulanylýan material üçin goýulýan güýjenmäniň güýjinden uly bolmaly däldir.

$$\sigma=\frac{N}{A}\leq[\sigma] \qquad (21)$$

Bu ýerde: σ - işçi güýjenme.

N - işçi güýç.

A - kese - kesegiň meýdany.

[σ]- güýjenmäniň çägi.

☞**Üns beriň:**

Eger hasaplamada ýüze çykýan işçi güýjenme onuň çäginde uly çyksa onda kese – kesigiň meýdany ulaltmaly, ýa-da ýüki azaltmaly.

*Hakyky güýjenmäniň çäginden ± 5% uly ýada kiçi almaga rugsat berilýar.

*Işçi güýjenmäni onuň çäginden 5% - den artyk almaga rugsat berilmeýar.

*Işçi güýjenmäni onuň çäginden 5% - den has kiçi bolsa onda material çykdaýjy bolýar.

*Görkezilen formular bilen hasaplamalar, eger pürsiň uzynlygy onuň kese - keseginden gaty uly bolmady hilde dogry işleýar.

*Eger pürs kese - keseginden gaty uly bolsa onda gapdala sigma ýgny, durnykly- lyga hasaplamaly bolýar.

Ikinji hasaplama

Konstruksiýa öziniň ekspluatasiýa talabyny kanagat landyrman başlan döwrüne onuň pridel ýagdaýy diýilýar. Pridel ýagdaýy iki topara bölünýar.

Birinji topar - Konstruksiýa öziniň göteribilijilik ukybyny ýitirenligi sebäpli ony ulanyp bolmaýanlygy üçin.

Ikinji topar - Konstruksiýa örän uly jaýryklaryň, uly egilme deformasiýasynyň, beýleki deformasiýalarynyň örän uly bolan eýe bolýanlygy sebäpli ony ulanyp bolmaýanlygy sebäpli.

Hasaplamanyň maksady iki topardaky pridel ýgdaýyň hem ýüze çykmagyna mümkinçilik bermeli däl.

Bu hasaplama raýat şol senagat desgalarynyň hasaplamalarynda ulanylýar.

P < Pp.ý (22) Pp.ý. - pridel ýagdaýdaky güýç. *(Ol döwiji güýç bolýar, ýada konstruksiýany ulanyp bolmaýan deformasiýa getirýan güýç bolýar).*

Mysal:

<u>Mysalyň şerti:</u>

Başnýaly kranyň göterýan ýükinden onuň trosyna düşän güýji tapmaly. Eger trosyň bir seminiň diametri d=2mm bolsa trosda näçe sim bardygyny hasaplamaly.

Berlişi

d=2sm

[σ]= 1600kg/m² (trosyň güýjenmesiniň çägi)

<u>Çözülişi:</u>

Ilki *AB* - trosyň uzynlygyny kesgitläliň.

Pifogoryň teoremasynyň esasynda.

$AB^2=AK^2+KB^2=3{,}5^2+16{,}5^2=12{,}25+272{,}25=284{,}5m^2$

$AB=\sqrt{284{,}5}=16{,}867\,m$

Trosyň bilen kranyň ýüki göteriji ganatynyň arasyndaky burçy kesgitläliň.

$\sin\alpha=\dfrac{AC}{AB}=\dfrac{3{,}5}{16{,}867}=0{,}2079$

$\sin\alpha=12^0$



16-njy surat



Indi trosa düşýan agramy kesgitläliň. Deňagramlyk deňlemesinden peýdalanyp S_{AB} tapýarys.

$$\Sigma y = 0$$

$$S_{AB} \cdot \cos 78^\circ - P = 0$$

$$A_{AB} = \frac{P}{\cos 78^\circ} = \frac{1000}{0,2079} = 4810 kg$$

Trosyň bir siminiň meýdany hasaplaryň

$$A_{sim} = \pi r_2 = \pi \left(\frac{d}{2} \right)^2 = \frac{\pi d^2}{4} = 0,0314 sm^2$$

Trosyň berklik kanunyndan peýdalanyň ýüki götermek üçin trosyň meýdanyň näçe bolmalydygyny hasaplalyň.

$$\sigma = \frac{S_{AB}}{A} \leq [\sigma]; \; A = \frac{S_{AB}}{[\sigma]}$$

$$A_{tros} = \frac{4810}{1600} = 3 sm^2$$

Trosyň näçe sim bardygyny hasaplalyň.

$$n = \frac{A_{tros}}{A_{sim}} = \frac{3}{0,0314} = 95,56 \approx 96$$

Trosda diametri d= 2mm bolsa 96 sany sim bolmaly eken.

2.8 PÜRSIŇ ÖZ AGRAMYNY HASABA ALMAK

Munda öňki hasaplamalarda hasaplanýan pürsiň öz agramyny hasaba almak işlenipdi. Onuň hasaba edýän täsiri kiçi diýip hasapdyr. Ýöne onuň uzynlygy uly bolanda ony hasaba almaly bolýar.

Mysal:

Troslary, zynjyrlary, kerpiçden örilen sütünleri, kolonalary, diwarlary, binýatlary hasaplanyňda onuň öz agramyny hasaba almaly, sebäbi öz agramyny hasaba almasaň başga netije berýar.



17-nji surat

Kese - kesigi hemişelik bolan suryk (steržen) bir tarapy gaty berkitme bilen berkidilen. Boş tarapynda sündiriji güýç goýalan.

Pürsiň öz agramyny hasaba alyp berkidilen ýerindäki daýanç güýji tapalyň.

Deňagramlyk deňlemesinden peýdalanyp.

$\Sigma_y = 0$; $R - p - G = 0$;

$R - P + G$

daýanç güýji tapýarys

$G = \gamma \cdot A \cdot l$ (23)

Bu ýerde: G - syrygyň öz agramy

γ -materiallaryňbirlik göwrüme düşýän agramy

A-kese-kesigiň meýdany

l-surygyň uzynlygy

Suratdan görşiňiz ýaly syrygyň iň howply nokady onuň berkidilen ýerinde bolýar, ýagny *AB* kesikde.

$$\sigma_{max} = \frac{P+G}{A} \quad (24)$$

$$\sigma_{max} = \frac{P}{A} + \frac{G}{A} = \frac{P}{A} + \frac{\gamma l A}{A} = \frac{P}{A} + \gamma l$$

$$\boxed{\sigma_{max} = \frac{P}{A} + \gamma l} \quad (25)$$

Konstruksiýanyň berklik kanuny onuň öz agramyny hasaba alanyňda şeýle aňlatma getirilýar.

$$\sigma_{max} = \frac{P}{A} + \gamma l \le [\sigma] \quad (26)$$

Konstruksiýanyň normal ýagdaýda ulanylmaga üçin talap edilýän meýdany tapmagyň formulasy.

$$A \ge \frac{P}{[\sigma] - \gamma l} \quad (27)$$

Normal ýagdaýda işlemek üçin surygyň maksimal uzynlygy şeýle hasaplanýar.

$$l_{max} = \frac{[\sigma]}{\gamma} \qquad (28)$$

Basgançakly pürsleriň her bölegine gerek bolýar meýdanyň hasaplanşy.

$$A_2 \geq \frac{P + \gamma A_1 l_1}{[\sigma] - \gamma l_2} \qquad (29)$$

$$A_3 \geq \frac{P + \gamma A_1 l_1 + \gamma A_2 l_2}{[\sigma] - \gamma l_3} \qquad (30)$$

Mysal:

Mysalyň şerti:	Berlişi
Lenta görnüşli binýadyň öz agramyny hasaba almak bilen onuň goýlan ýüki götermek inini (b) hasaplanmaly.	Binýadyň 1 por. düşýan agramy P=320 *kN* Binýadyň materiallarynyň 1m³ göwrüme düşýan agramy γ = 20 *kN/m³* Topragyň göteribilijek ukyby $[\sigma]_t$= 250 kN/m² Binýadyň çuňlygy *l* = 1,5 *m*

Çözülişi:

Binýadyň 1 m. uzynlygyna hökmän gerek bolan kese - lesigiň meýdany kesgitläliň.

$$A=\frac{P}{[\sigma]_t-\gamma\cdot l}=\frac{0,320}{0,250-0,20\cdot 1,5}=1,45m^2$$



18-nji surat

Bir mert uzynlykdaky binýadyň ini

$$b=\frac{A}{l}=\frac{1,45}{1}=1,45\,de\check{n}dir$$

Mysal:

Mysalyň şerti:

Basgançaklyyň 1 metr uzynlygyna *P* güýç täsir edýar. Binýadyň öz agramyny hasaba almak bilen onuň düşegindäki tekizlikde ýüze çykýan güýjenmäni hasaplamaly.

Berlişi

Betonyň 1 metr uzynlygyna düşýan agramy P = 600kN

Topragyň göterip bilijek ukyby $[\sigma]_t$ = 300 kN/m²



19-njy surat

Çözülişi:

Suratda görşüňiz ýaly binýat üç basgançakdan durýa. Bizden talap edilýar ýeri iň aşaky bölegi bolýar. Ony şeýle hasaplaýarys.

$$A_3 \geq \frac{P + \gamma A_1 l_1 + \gamma A_2 l_2}{[\sigma]_t - \gamma l_3}$$

$$\sigma = \frac{P + \gamma A_1 l_1 + \gamma A l +_2 A_2 l \gamma}{A_3} =$$

$$\frac{0{,}600 + 0{,}022 \cdot 0{,}80 \cdot 1{,}00{,}6 + 0{,}22 \cdot 1{,}6 \cdot 1 \cdot 0{,}6 + 0{,}022 \cdot 2{,}4 \cdot 1 \cdot 0{,}8}{2{,}4 \cdot 1{,}0} =$$

$$0{,}288 Mn/m^2 < 0{,}300 Mn/m^2 (2{,}88 kg/sm^2 < 3 kg/sm^2)$$

2.9 SÜNME WE GYSYLMADA STATIKI KESGITSIZ SISTEMALAR BARADA DÜŞÜNJE

Egerde öňümizde goýlan meseläni deňagramlyk deňlemesi bilen çözüp bolmaýan bolsa, hemde ony çözmek üçin goşmaça deňleme düzüp, çözmeli bolsa şu görnüşli meselelere statiki kesgitsiz meselelere diýilýar.

☞***Üns beriň*:**

Konstruksiýanyň materiallynyň maýşgaklygy häsiýetini hasaba almaly.

*Goşmaça deňlemäni konstruksiýanyň deformirlenen ýagdaýynda düzmeli.

***Mysal*:**

Mysalyň şerti:

Uzynlygy l kese - kesigi A deň bolan polat pürs iki tarapy hem gaty berkitme bilen berkidilen. Oňa B nokatda P güýç täsir edýar. Bu täsiriň netijesinde güýçleri hasaplamaly.

Berlişi

$P = 50kN$
$l_1 = 20$ sm
$l_2 = 30$ sm
$l = 50$ sm



20-nji surat

Çözülişi:

Goýlan güýç pürsiň ýokarky bölegini sündirýär aşaky bölegini bolsa goşýar şol sebäpden R_1 we R ýokarky ugrykdyrylan.

Deňagramlyk deňlemesini düzeliň

$\Sigma y = 0$; $R_1 - P - R_2 = 0$; $P = R_1 + R_2$

Ýetmeýän deňlemesini konstruksiýanyň deformasion ýagdaýynda düzmeli.

Iki tarapy hem gaty berkitme bolansoň ýokarky bölegindäki absolýut uzalma bilen aşaky bölegindäki absolýut dysgalma deň baha eýe bolmaly.

$$\Delta l_1 = \Delta l_2; \quad \frac{R_1 l_1}{EA_1} = \frac{R_2 l_2}{EA_2} \qquad A_1 = A_2 = A$$

$R_1 l_1 = R_2 l_2$ Iki tarapyny hem $R_2 \cdot l_1$ paýlaly

$$\frac{R_1 l_1}{R_2 l_1} = \frac{R_2 l_2}{R_2 l_1} : \frac{R_1}{R_2} : \frac{l_1}{l_2} : \frac{R_1}{R_2} = \frac{30}{20} : \frac{R_1}{R_2} = 1{,}5$$

$R_1 = 1{,}5R_2$ Bu netijäni deňagramlyk deňlemesine goýýarys

$$P = 1{,}5R_2 + R_2; \; P = 2{,}5R_2$$

$$R_2 = \frac{P}{2{,}5} = \frac{50}{2{,}5} = 20kN \qquad R_1 = 1{,}5\,R_2 = 1{,}5 \cdot 20 = 30kN$$

Eger $l_1 = l_2$ bolsa onda $R_1 = R_2$ deň bolar.

Mysal:

Mysalyň şerti:	Berlişi
Beýikligi *h* kese - kesiginiň meýdany *A* bolan demir biton sütine P güýç täsir edýar. Betonda we armaturda ýüze çykýan güýjenmäni hasaplamaly, şeýlede sütiniň absolýut we otnositel gysylmasyny kesgitlemeli.	$h = 3\ m$ $A = 0{,}09\ m^2$ $P = 700\ kN$ $A_{ar} = 0{,}001\ m^2$ $A_b = 0{,}089\ m^2$ $E_{ar} = 2 \cdot 10^5 \frac{Mn}{m^2}$ $E_b = 1{,}4 \cdot 10^4 \frac{Mn}{m^2}$



21-nji surat

Çözülişi:

Ýetmeýän deňlemesini konstruksiýanyň deformasion deňlemesinden düzýaris. Deformasiýadan soň demir beton konstruksiýasy bolan sütüni deň aralyga süşýanligi üçin şeýle şert goýmak bolýar.

$$\Delta l_b = \Delta l_{ar}$$

$$\frac{N_b h}{E_b \cdot A_b} = \frac{N_{ar} h}{E_{ar} \cdot A_{ar}}$$

$$N_{ar} = N_b \frac{E_{ar} \cdot A_{ar}}{E_b \cdot A_b}$$

Eger (b) aňlatmany (a) aňlatma goýsak onda

$$N_b + N_b \frac{E_{ar} \cdot A_{ar}}{E_b \cdot A_b} = P \quad ; \quad N_b = \frac{P}{1 + \frac{E_{ar} \cdot A_{ar}}{E_b \cdot A_b}}$$

Konstruksiýanyň beton bölegine dşüýän agramy.

$$N_b = \frac{0,700}{1 + \frac{2,110^{50,001}}{1,410^{4} 0,089}} = 0,600 Mn$$

Polat armatura dşüýan agramy. $N_{ar}=0,700-0,600=0,100Mn$

Konstruksiýanyň öz agramyny hasaba almazdan kesikde ýüze çykýan güýjenmäni hasaplalyň.

$$\sigma_b=\frac{N_b}{A_b}=\frac{0,600}{0,089}=6,75Mn/m^2\left(67,5kg/sm^2\right)$$

$$\sigma_{ar}=\frac{N_{ar}}{A_{ar}}=\frac{0,100}{0,001}=100Mn/m^2\left(1000kg/sm^2\right)$$

Absolýut we otnositel deformasiýany islendik material üçin hasaplap bolýar sebäbi beton bilen armatur bile işlän sütüni deň deformasiý bolýar.

$$\Delta l_b=\frac{N_b h}{E_b A_b}=\frac{0,6003}{1,410^4 0,0089}\approx 0,0015m$$

$$E_b=E_{ar}=\frac{0,0015}{3}=0,0005$$

2.10. TEMPERATURANYŇ GÜÝJENMÄ WE DEFORMASIÝA TÄSIRI GÜÝJENMÄNIŇ KONSTRUKSIÝASY BARADA DÜŞÜNJE

Iki topary berkidilen pürsde temperaturanyň üýtgeminden güýjenme döreýär.

Eger $t_2 > t_1$ bolsa onda gysylma güýjenme bolýar.



Eger $t_2 > t_1$ bolsa sünme güýjenmesi döreýar.

$t = t_2 - t_1$ (31)

Onda bu güýjenme temperatura güýjenmesi diýilýar.

$\sigma_t = E \cdot 2 \cdot t$ (32)

22-nji surat

Bu ýerde: σ_t - temperatura güýjenmesi
E - materialyň maýşgak koeffisienti
α - uzynlyga giňelme koeffisienti
t - temperaturanyň tapawudy

☞**Üns beriň:**

(49) formula diňe pürsiň hemişelik kese-kesiginde iki tarapy berkidilip temperaturanyň deň agramly ýaýran ýagdaýynda işleýär. Başga ýagdaýlarda formula işlemeýär.

*Köp materiallar hemişelik güýçde uly temperatyrada işleseler olarda uly galyndyly
deformasiýa emelle gelip olaryň berklik çäginden has bärde döwilmegine alyp gelýärler.

*Kähalatlarda hatda proporsionallyk çäginden aşakda konstruksiýanyň döwilýan ýagdaýynda gabat gelmek bolýar.

*Polat materialynda temperatura güýjenmesi 300 - 350°C soň duýlyp başlaýar.

Güýjenmäniň konsentrasiýasy barada düşünje

Kese-kesigiň gowşan ýerinde güýjenmäniň birden artmak



ýagdaýda güýjenmäniň konstruksiýasy diýilýar.

23-nji surat

☞Üns beriň:

Uly güýjenme diňe konstruksiýanyň oýylan ýerindäki meýdançada ýüze çykýar. Şol sebäpden güýjenme ýeri häsiýete eýedir.

*Ýerli güýjenmäniň iň uly bahasyny hasaplamak örän kyn meseleler toplymyna girýar. Şol sebäpli ony maýşgaklyk teoriýasynda hasaplaýar.

39 - nji syratyň (a) bölegindäki ýaly işleýan konstruksiýa üçin ýerli güýjenmäniň uly bahasy şeýle hasaplaýar.

$$\sigma_y = \sigma_{or} \quad (33)$$

Bu ýerde: σ - ýerli güýjenme
σ - güýjenmäniň orta bahasy

Bu suratyň (b) şekilindäki ýaly işleýän konstruksiýalar üçin ýerli güýjenme şeýle hasaplanýar.

$$\sigma_y = 2\sigma_{or} \quad (34)$$

Güýjenmäniň şeýle ýaýramagy σ - proporsionallyk çäge çenli saklanýar.

Bu suratyň (b) görnüşindäki ýaly işleýan konstruksiýalarda ýerli güýjenme has kyn artýar. Eger ellipsiň oky süýnme ýa-da gysylma oky bilen gabat gelse onda orta güýjenmeden uly bolsa-da tegelek deşikli konstruksiýanyň ýerli güýjenmesiniň maksimal bahasyndan kiçi bolýar. Gurluşyk konstruksiýalarynyň bu ýagdaýda işleýänlerine diwarlar binýatlar mysal bolup biler.

Bu syratyň (g) şekilindäki ýaly işleýän konstruksiýalarda iň uly ýerli güýjenmeler ýüze çykýar.

Ýerli güýjenmesiniň esasy görkezijisi hökiminde konstruksiýanyň koeffisenti ulanylýar.

$$\alpha_\sigma = \frac{\sigma_{er}}{\sigma_{or}} \quad (35)$$

Bu ýerde: α_σ - konstruksiýany häsiýelendirýan koeffisient

σ_{erli}- erli güýjenmäniň bahasy

σ_{orta}- orta güýjenme

☞**Üns beriň:**

Synaglaryň netijesi maýyşgak materiallarda ýerli güýjenmäniň bahasy güýjenmäniň akmak çägine ýeten soň artmaýandygy görkezildi. Emma galan böleginde güýjenme artýar bu bolsa kesigiň deşik bilen gowşadylmagy onuň güýjenmäniň ähli ýerde deň ýaýramagyna mümkinçilik berýär diýildigidir.

*Konstruksiýa statiki güýç täsir edende onuň kese - kesigindäki kiçi gowşama onuň berkligini täsir etmeýar.

*Eger konstruksiýa dinamiki güýjiň täsirinde işleýan bolsa onda onuň kese - kesiginiň gowşadylmagy onuň berkligine täsir edýar.

2.11 Süýnme we gysylma deformasiýasyna işleýän konstruksiýalarynyň bölekleriniň hasaplanyşy

Süýnme deformasiýasy berlen güýçleriň täsiri netijesinde seredilýän pürsüň kese-kesiginde diňe boý güýçler ýüze çykýan ýagdaýdyr.

Süýnme deformasiýasy.



24-nji surat

P-pürse goýulýan daşky güýç, *Δl*-absolýut deformasiýa, *l*-pürsüň deformasiýa çenli uzynlygy.

Süýndirýän boý güýçleriň alamatyny položitel diýip kabul edýaris.Gysýan boý güýçleriň alamatyny otresatel diýip kabul edýaris.Deformasiýa wagtynda ýüze çykýan boý güçleri tapylyş usylyny mysalda seredeliň. Ikinji suratda pürsüň kese-kesiklerindäki içki güýçleriniň tapylşyna seredeliň

I-nji kesik **II-nji kesik**



9–njy surat

Içki güýçler kesikler usuly bilen tapylýar. Berlen pürsi daşky güýçleriň täsir edişine baglylykda kese-kesiklere bölýärler. Seredilýän bölek daşky we içki güýçleriň täsiri netijesinde deňagramlyk ýagdaýynda bolmalydyr.Ýagny şu deňlemeleri kanagatlandyrmalydyr.

$$\begin{cases} \sum X = 0 \\ \sum Y = 0 \\ \sum M = 0 \end{cases}$$

Şu deňlemeleriň kömegi bilen gözlenýän içki güýçleri tapalyň.

$$\sum X = 0, \quad N_1 - P = 0, \quad N_1 = P$$

$$\sum Y = 0, \quad N_2 - q \cdot y_2 - P = 0, \quad N_2 = q \cdot y_2 + P$$

Deňlemeden gözleýän içki güýç okuň ugryna görä üýtgeýär onuň sebäbi ýaýran güýçleriň barlygyndandyr. Süýnme we gysylma deformasiýasy wagtynda pürsüň kese-kesiginde güýjenme ýüze çykýar.Ol güýjenme meydan birligine düşýän güýjüň mukdaryny görkezýär.

$$N = \int_A \sigma dA \qquad N = \sigma A \qquad \sigma = N/A$$

σ—güýjenme, *N*—içki boý güýç, *A*—kese-kesigiň meýdany

Güýjenmäniň birligi /kgs/sm^2 , ts /m^2 /. Onda surata ýüzlenmek bilen kese-kesiklerdäki güýjenmeleriň tapylşyny görkezeliň.

$$\sigma_1 = N_1/A \qquad \sigma_2 = N_2/2A$$

Pürse daşky güýjüň täsir etmegi netijesinde onda absolýut boý deformasiýasy ýüze çykýar.Ol deformasiýa şeýle formula bilen hasaplanýar.

$$\Delta l = Nl / EA$$

ΔL -absolýut deformasiýa,
N- içki güýç, *l*-pürsüň zynlygy,
A-kese-kesigiň meýdany,
E-maýyşgaklyk moduly



25-nji surat

Otnositel boý deformasiýasy şeýle hasaplanýar

$$\varepsilon = \frac{\Delta l}{l}$$

ε -otnositel boý deformasiýasy, *Δl*-absolýut boý deformasiýasy, *L*-pürsüň uzynlygy

Güýjenme bilen deformasiýanyň arasynda şeýle baglanşyk bar.

$$\sigma = \varepsilon E; \qquad \varepsilon = \sigma/E$$

Bu baglanşyklara Gukuň kanuny diýilýär.

Seredilip geçilen teoretik ýagdaýlary mysala ýüzleneliň.

Mysalyň şerti: Dürli meýdanly pürse y okuna parallel bolan dört sany güýç ýüklenen ol güýçleriň täsiri netijesinde kese-kesikde ýüze çykýan içki güýjüni, güýjenmesini we deformasiýasyny tapmaly. Tapylan parametrleriň epýurlaryny gurmaly.

Berlişi:

$P_1=30\ kN$ $\quad$ $q_2=12\ kN/m$
$P_2=60\ kN$ $\quad$ $q_1=15\ kN/m$
$E=2\cdot10^4\ kN\ /sm^2$ $\quad$ $A=30\ sm^2$
$A=1m$



26-njy surat

Meseläni daýanç güýjüni tapmakdan başlaýar. Daýanç güýçlerine reaktiw gümler diýilýär. Berlen güýçlere aktiw güýçler diýilýär.Reaktiw güýçler bilen aktiw güýçler bilelikde berlen pürsi deňagramlyk ýagdaýynda saklamaly.Onda bu şert deňagramlyk ýagdaýynyň deňlemesi bilen daýanç güýjüni tapmaga mümkinçilik berýär.

$\sum y=0,\ \ RD+P_1-q_1\cdot1.5a-q_2\cdot2.5a-P_2=0$

$RD=-P_1+q_1\cdot1.5a+q_2\cdot2.5a+P_2=-$
$0+15\cdot1.5\cdot1+12\cdot2.5\cdot1+60=82.5kN.$

Içki boy güçleri tapmak üçin kese-kesik geçirýaris.

$\sum y=0;\ \ N_1-q_2\cdot y_1-P_2=0$
$N_1=q_2 y_1+P_2$
$0\leq y_1\leq 2.5a$
$y_1=0,\ N_1=12\cdot 0+60=60kN.$
$Y_1=2.5a$,
$N'_1=12\cdot 2.5\cdot 1+60=90kN.$

I-kesik



30-njy surat

II-kesik.

$\sum y=0$
$N_2-q_1\cdot y_2-q_2\cdot 2.5a-P_2=0,$
$N_2=q\cdot y_2+q_2\cdot 2.5a+P_2$
$0\leq y_2\leq 1.5a$
$y_2=0;$
$N_2=q_2\cdot 2.5a+P_2=12\cdot 2.5\cdot 1+60=90kN$
$y_2=0;$
$N_2=15\cdot 1.5+12\cdot 2.5\cdot 1+60=112.5kN.$



31-nji surat

III- kesik.

$\sum y=0$
$RD-N_3=0$
$N_3=RD=82.5kN.$



32-nji surat

Indi güýjenmäni hasaplalyň

$$\sigma = \frac{N}{A}$$

δ_A=60kN/30sm^2=2kN/sm^2 σ'_B=90/60=1.5kN/sm^2

σ_B=90/30=3kN/sm^2 σ'_c=82.5/3·30=0.91kN/sm^2

$\sigma_{c=}$112.5/60=1.87kN/sm^2 σ_D=82.5/90=0.91kN/sm/^{2}

Indi pürsde bolup geçýän deformasiýa seredip geçeliň

$$\Delta l_d = \frac{N_d \cdot l}{3EA} = \frac{82.5 \cdot 0}{3 \cdot 2 \cdot 10^4 \cdot 30} = 0$$

$$\Delta l_c = \frac{N_c \cdot a}{3EA} = \frac{112{,}5 \cdot 1 \cdot 10^2}{3 \cdot 2 \cdot 10^4 \cdot 30} = 0{,}625 \cdot 10^{-2}$$

$$\Delta l_B = \int_0^{1{,}5a} \frac{q_1 y_2 + q_2 \cdot 2{,}5a + P}{2EA} dy = 1{,}12 \cdot 10^{-2} \quad sm$$

$$\Delta l_A = \int_0^{1{,}5a} \frac{q_2 y_1 + P}{EA} dy = 2{,}5 \cdot 10^{-2} \quad sm$$

Indi orun üýtgemani hasaplalyň.

$$\delta_D = \Delta l_B = 0$$

$$\delta_C = \Delta l_D + \Delta l_C = 0 + 0{,}625 \cdot 10^{-2}$$

$$\delta_B = \Delta l_D + \Delta l_B + \Delta l_C = 0{,}625 \cdot 10^{-2} + 1{,}12 \cdot 10^{-2} = 1{,}0745 \cdot 10^{-2} \quad sm$$

$$\delta_A = \Delta l_B + \Delta l_C + \Delta l_B + \Delta l_A = 0 + 0{,}625 \cdot 10^{-2} + 1{,}12 \cdot 10^{-2} + 2{,}5 \cdot 10^{-2} =$$

$$= 4{,}245 \cdot 10^{-2} \quad sm$$

Statiki kesgitsiz syrykly sistemalar

Indi statiki kesgitsiz meselelere seredeliň.

Eger-de gözlenýän içki güýçleri deňagramlyk deňlemeleri bilen tapyp bolýan bolsa, onda olar ýaly meselelere statiki kesgitsiz meseleler diýilýär. Eger-de gözlenýän içki güýçleri deňagramlylyk deňlemeleri bilen tapyp bolmaýan bolsa, oňa statiki kesgitsiz mesele diýilýär. Bu meseläni çözmek üçin deňagramlylyk deňlemesinden başga, goşmaça, orun üýtgetmäniň deňlemesini düzmeli. Onda şeýle meseleleriň çözülşine seredip geçeliň.

Mesele: Absolýut gaty pürs iki sany polat syryk bilen berkidilen. Bu sistema K nokatda toplanan güýç ýüklenen.Hemişelik we üýtgeýän güýçler, geometrik ölçegler şeýle-de meýdanlaryň gatnaşygy A_2/A_1 belli bolan halatda sistema üçin şeýle ýerine ýetirmek talap edilýär.

I Pürse täsir edýän hasap güýjüni tapmaly (hemişelik güýji $n_1=1.1$ üýtgeýän güýji $n_2=1.4$ köpeltmeli) .

2. I we 2 syryklarda ýüze çykýan içki güýçleri tapmaly.

3.Kese-kesigiň meýdanyny 2 sany taraplary deň bolan ugolnikler görnüşde saýlap almaly.

4.Syndyryjy güýji hasaplamaly. Hasaplaýyş wagtynda akymlylygyň çägi $\sigma_A=230mPa=23kN/sm^2$.

5.Rugsat ýüküni hasaplamaly, hasaplaýyş wagtynda ätiýaçlyk koefsiýentini *K=1.5deň diýip almaly*

Berlişi :

$R=21kN/sm^2$- hasaplaýyş garşylygy
$\sigma_A=23kN/sm^2$-akymlylyk güýjenmesi.
$a=2m$ $b=1.4m$
$h=1.2m$ $\alpha=60^0$
$A_2/A_1=2$
P hemişelik=80 kN,
P üýtgeýän=200kN.
$E=2\cdot10^6kN/sm^2=2\cdot10^4kN/sm^2$



33-nji surat

Hasap güýjini tapalyň.

$$P_{has.}=n_1P_{hem}+n_2P_{ý}=1.1\cdot80+1.4\cdot200=88+280=368k\ N.$$

1 we 2 syrykda ýüze çykýan içki güýçleri tapalyň.



34-nji surat

II suratdan görnüşi ýaly 4 sany näbelli güýç bar. *(H_A,R_A,N_1,N_2).* Emma daýanç güýçleri tapmak talap edilmeýär.Şol sebäpli ähli güýçleriň A nokada görä momentleriniň jemini nula deňlemeli.

$$\sum M=0 \qquad -N_1\cdot b-N_2(b+a)+P(b+a/2)=0.$$

Bu deňlemeden näbelli güýçleri tapmak üçin ýene-de bir goşmaça deňleme düzmeli. Onuň üçin sistemanyň deformirlenýän öňki ýagdaýyna seretmeli.

Sistemanyň deformirlenenden soňky ýagdaýy.



Sistemanyň deformirlenmeden soňky ýagdaýy



35-njy surat

Δl_1we Δl_2 - I we 2 saryklaryň uzalmasy
δ_1 we δ_2 - Saryklary absolýut gaty pürs bilen birleşdirýän şarnirleriň orun üýtgemesi.
şekilde seredeliň onda iki sany meňzeş üçburçlyklar bar.

$\Delta ABB_1 \qquad \Delta\ ACC_1.$

Hasaplanan meýdan esasynda sortamentden ugolnik saýlap alýarys.
Saýlanyp alnan meýdan şeýle şerti kanagatlandyrmalydyr Bu meňzeşlikden şeýle gatnaşyk alýarys.

$$\frac{CC_1}{BB_1} = \frac{A_C}{AB}; \quad CC_1=\delta_2, \quad AC=3.4M.$$

$$\frac{\delta_2}{\delta_1} = \frac{3,4}{1,4}; \quad BB_1= \delta_1, \quad AB=1,4\ m.$$

$\Delta l_1/\ \delta_1=\sin\alpha;$
$\delta_1=\Delta l_1/\ \sin\alpha;$
$\delta_2=\Delta l_2/\sin(3/4)\alpha$
$1.4\ \delta_2=3.4\ \delta_1.$
$1.4\Delta l_2\sin(3/4)\ \alpha=3.4ll_1\sin\alpha;$ $1.4N_2l_2/(EA_2)\sin(3/4)\alpha=3.4N_1l_1/(EA_1)\sin\alpha.$



$A_2=2A_1.\ l_1=2.4\ \ m.\ l_2=1.69m,\ 1.4N_2l_2/(2A_1),$
$\sin(3/4)\alpha=3.4(N_1l_1/A_1)\sin\alpha; \qquad 0.707\cdot0.7\cdot1.69N_2=1.7\cdot2.4N_1,$
$0.84N_2=4.08N_1, \quad N_2=4.08/0.84, \quad N_1=4.86N_1$

$$N_2=4.86N_1$$

Indi gözlenýän içki güýçleri şeýle deňlemeleriň kömegi bilen tapmak bolar.

$$\begin{cases} -N_1\cdot b-N_2(b+a)+P\left(b+a/2\right)=0 \\ N_2=4{,}86N_1 \end{cases}$$

$$\begin{cases} -N_1\cdot 1{,}4-N_2 3{,}4+368\cdot 2{,}4=0 \\ N_2=4{,}86N_1 \end{cases}$$

Deňlemäni deňlemä goýmak usuly bilen gözlenýän içki güýçleriň san bahasyny tapýarys.

$N_1=49.29$ *kN*, $N_2=239.53$*kN.*

Tapylan içki güýçleri deňlemä goýup barlalyň.

$-49.29\cdot 1.4-239.53\cdot 3.4+368\cdot 2.4=0$

$-883.2+883.2=0$

Indi kese-kesigiň meýdanynyň tapylyşyny görkezeliň.

$\sigma_1=N_1/A_1\le R$, $A_1=N_1/R$

$\sigma_2=N_2/A_2\le R$, $A_2=N_2/R$

Indi haýsy güýjenmäniň uly bolýandygyna seredeliň. Goý

$A_1=1;$ $\sigma_1=N_1/A_1$; $\sigma_2=N_2/A2=N_2/2A_1=0.5N_2/A_2$

$\sigma_1=N_1;$ $\sigma_2=0.5N_2$

$\sigma_1=49.2Kn;$ $\sigma_2=0.5\cdot 239.53=119.77.$ $\sigma_2>\sigma_1$

Onda berklik şertinden peýdalanyp, gözlenilýän meýdany tapalyň.

$$\sigma_2=N_2/A_2\le R$$

Bu formulany peýdalanyp gözleýän meýdany tapalyň.

$$A_2=N_2/R=239.53/21=11.41sm^2$$

A_2- kese-kesigiň talap edýan meýdany.

$A_2^T=11{,}41\ \ sm^2$- bu meýdan 2- ugolnigiň talap edýän meýdanydyr I ugolnigiň meýdany

A_2^C - saýlap alynýan meýdan, A_2^T - talap edilýän meýdan
Şu şertiň esasynda talap edilýän meýdany saýlap alýarys.

$$\frac{A_2^C}{2} = 6{,}13 \quad sm^2,$$

$$A_2^C = 2 \cdot 6{,}13 = 12{,}6 \quad sm^2,$$

$A_2/A_1=2.$

$$\angle 63 \cdot 63 \cdot 5$$

$2A_1=A_2,$

$$A_1^C = A_2^C \big/ 2 = 12{,}26 \big/ 2 = 6{,}13 \quad sm^{-}$$



Her syryga düşýän döwüji güýji hasaplalyň

$$N_1^{dow} = A_1^C \cdot \sigma_A = 6{,}13 \cdot 23 = 140{,}9 \quad kN$$

$$N_2^g = A_2^C \cdot \sigma_A = 12{,}26 \cdot 23 = 281{,}98 \quad kN$$

Berlen sistemany syndyryjy güýji hasaplalyň. Onuň üçin deňlemäni peýdalanalyň.

$$N_1 = A_1^C \cdot \sigma_A;$$

$$-A_1^C \cdot \sigma_A \cdot b - A_2^C \sigma_A (b+a) + P_{syn}\left(b + a \big/ 2\right) = 0$$

$$P_{syn} = \frac{A_1^C \delta_A b + A_2^C \sigma_A (b+a)}{\left(b + a \big/ 2\right)} =$$

$$\frac{6{,}13 \cdot 23 \cdot 1{,}4 + 12{,}26 \cdot 23 \cdot 3{,}4}{1{,}4 + 1} = 481{,}72 \quad kN$$

Indi rugsat ýüküni hasaplalyň.
$[P]=P_{syn}/K=481.72/1{,}5=321{,}15$ kN.

Alynan naetjeleriň esasynda gurylan epýurlar



3. TEKIZ KESIGIŇ GEOMETRIKI HÄSIÝETNAMALARY

3.1. Oka görä moment inersiýa. Polýar moment inersiýasy Merkezden daşlaşýan inersiýa momenti

Süýnme we gysylma deformasiýasy öwrenilende esasy geometriki häsiýet hököminde kese-kesigiň meýdanyny hasaplamaly. Ol konstruksiýanyň deformasiýasyna doly garşylyk görkezmäge ukyply parametr hököminde seredilýär. Emma egilme deformasiýasynda diňe kese-kesigiň meýdany deformasiýa garşylyk görkezýän parametr hököminde seredip bolmaýar.



1-nji surat

1-nji suratdaky pürsi iki ýagdaýda ulanyp görýäris. Birinji ýagdaýda (a) dik duran görnüşde, ikinji ýagdaýda (b) kese ýatan görnüşde. Dik duran ýagdaýda ol goýulan güýje garşylyk görkezmäge ukyply bolup berkligi uly bolýar. Kese ýatan ýagdaýda ol garşylyk görkezmäge az ukyply bolup berkligi kiçi bolýar. Bu ýerden netije, kese-kesigiň meýdany hemişelik bolanda konstruksiýanyň ýasalşyna görä deformasiýa dürli garşylyk görkezip bilýändigini görkezýär. Onda egilme deformasiýasynda kese-kesigiň meýdanyny deformasiýa garşy goýup bolýan ýeke-täk parametr hököminde ulanyp bolmaýandygyny görkezýär. Bu ýagdaý meýdandan başga-da kese-kesigi häsiýetlendirilýän täze parametrleri girizmek mejburlygynyň döreýändigini görkezýär. Bu ýerde iki sany düşünjäni girizmek gerek:

1. Gatylyk – konstruksiýanyň deformasiýa garşylyk görkezip bilmek ukyby.
2. Çeýelik – konstruksiýanyň uly deformasiýa almaga ukyply ýagdaýy.

Konstruksiýanyň gatylygyny häsiýetlendirilýän ulylyga moment inersiýa diýilýär. Ol konstruksiýanyň ýasalan materialynyň maýyşgaklyk koeffisiendini hasaba almak bilen amala aşyrylýar we şeýle bellenýär *EI*. *E* – maýyşgaklyk koeffisienti, I – kese-kesigiň moment inersiýasy. Moment inersiýany öwrenmezden öňürti nazary mehanikanyň hödürlenýän geometriki häsiýetnamalaryna seredip geçeliň.

Statiki moment:

$$\boldsymbol{S_y = \int_A x dA} \quad (1)$$

$$\boldsymbol{S_y = \int y_A \, y dA} \quad (2)$$

S_x – x okyna görä statiki moment

S_y – y okyna görä statiki moment



2-nji surat

Statiki momendiň tapylmagy kese-kesigiň agyrlyk merkezini tapmaga mümkinçilik berýär.

$$x_c = \frac{S_y}{A} \quad (3) \qquad\qquad y_c = \frac{S_x}{A} \quad (4)$$

x we *y* okuna görä moment inersiýa şeýle hasaplanýar:

$$I_x = \int_A y^2 dA \ (1) \qquad\qquad I_y = \int_A x^2 dA \ (2)$$

Polýar moment inersiýasy:

$$I_p = \int_A p^2 dA \ (7)$$

Eger $\rho^2 = x^2 + y^2$ onda $I_p = \int_A (x^2 + y^2)\, dA = \int_A x^2\, dA + \int_A y^2\, dA = I_p = I_y + I_x;$

$$I_p = I_y + I_x \quad (8)$$

Merkezden daşlaşýan inersiýa momenti:

$$I_{xy} = \int_A xy\, dA \quad (9)$$

☛ **ÜNS BERIŇ!**

* Moment inersiýa mydama položitel baha eýedir.

* Merkezden daşlaşýan inersiýa momenti položitel, otrisatel we nul bahalara eýe bolup biler.

* Eger kesik iki şekilden ybarat bolsa onda umumy agyrlyk merkezi ýönekeý şekilleriň agyrlyk merkeziniň birleşdirilen göni çyzygynyň üstünde ýerleşýär. Haýsy aralyk uly bolsa şoňa ýakyn bolýar.

* Kese-kesigiň ok simetriýasy bar bolsa ol baş ok bolýar

3.2 Ýönekeý şekilleriň moment inersiýasy

1. Göniburçlygyň oka görä moment inersiýasy

$$I_y = \frac{h \cdot b^3}{12} \quad (10)$$

$$I_x = \frac{bh^3}{12} \quad (11)$$

Eger b = h = a, onda

$$I_y = \frac{a^4}{12} \quad (12)$$



3-nji surat

Merkezden daşlaşýan moment inersiýasy:

$$I_{xy} = \int_A xy\, dA = \frac{b^2h^2}{4} \quad (13)$$

2. Tegelegiň moment inersiýasy.

Polýar moment inersiýasy:

$$I_p = \frac{\pi d^4}{32} \approx 0,1d^4 \quad (14)$$



Oka görä moment inersiýasy:

$$Y_x = Y_y = \frac{Y_p}{2} = \frac{\pi d^4}{32 \cdot 2} = \frac{\pi d^4}{64} \approx 0,05d^4 \quad (15)$$

4-nji surat

3. Tegelek halkanyň oka görä moment inersiýasy



5-nji surat

$$I = I = \frac{\pi D^4}{64} - \frac{\pi d^4}{64} = \frac{\pi^4}{64}(D^4 - d^4) \approx$$

$$\approx 0,05d\,(D^4 - d^4) \quad (16)$$

4.Guty şekilli kese-kesigiň moment inersiýasy.



6-njy surat

$$I_x = \frac{BA^3 - bh^3}{12} \qquad (17)$$

$$I_y = \frac{AB^3 - hb^3}{12} \qquad (18)$$

$$I_x = {i_x}^2\,A \qquad (19)$$

$$I = {i_y}^2\,A \qquad (20)$$

i_x, i_y – kese-kesigiň radius inersiýasy.

$$i_x = \sqrt{\frac{I_x}{A}} \quad (21) \qquad\qquad i_y = \sqrt{\frac{I_y}{A}} \quad (22)$$

Göniburçlyk üçin:

Tegelek üçin:

$$i_x = \frac{h}{6}\sqrt{3} \quad (23)$$

$$i_x = i_y = \sqrt{\frac{\frac{\pi d^4}{64}}{\frac{\pi d^2}{4}}} = \frac{d}{4} = \frac{R}{2} \quad (25)$$

$$i_y = \frac{b}{h}\sqrt{3} \quad (24)$$

3.3 Kese-kesigiň geometriki häsiýetmanalary

Kese-kesigiň agyrlyk merkezinden geçýän oka merkezi oklar diýilýär, onda ýüze çykýan momende merkezi moment inersiýalar diýilýär. Eger merkezi oklardaky moment inersiýalar belli bolsa onda oňa parallel geçýän oklardaky moment inersiýalary şeýle kesgitlemek bolýar.

$$I_{x_1} = I_x + a^2 A \quad (26) \qquad I_{y_1} = I_y + b^2 A \quad (27)$$

Bu ýerde: I_{x_1}, I_{y_1} – Merkezden geçýän oka parallel bolan oka görä moment inersiýalar.

I_x, I_y – Merkezden geçýän oka görä moment inersiýalar.

b, a – Iki parallel okynyň arasyndaky aralyklar.

A – Kese-kesigiň meýdany.



7-njy surat

Merkezden daşlaşýan moment inersiýa bolsa şeýle hasaplanýar:

$$I = I_{xy} + a \cdot bA \quad (28)$$

Bu ýerde: $I_{x_1y_1}$ – Merkezden geçýän oka parallel okda döreýän merkezden daşlaşýan moment inersiýa.

I_{xy} – Merkezi okdan geçýän merkezden daşlaşýan moment inersiýa.

Merkezi ok aýlananda moment inersiýanyň hasaplanyşy.

$$I_{x_1} = I_x \cos^2\alpha + I_y \sin^2\alpha - I_{xy} \sin 2\alpha \quad (29)$$

$$I_{y_1} = I_y \cos^2\alpha + I_x \sin^2\alpha - I_{xy} \sin 2\alpha \quad (30)$$

$$I_{x_1y_1} = \frac{I_x - I_y}{2} \cdot \sin 2\alpha + I_{xy} \cos 2\alpha \quad (31)$$

Bu ýerde: I_{x_1}, I_{y_1} – Aýlanýan burçda döreýän moment inersiýa.

α – Aýlanýan burçyň bahasy.



8-nji surat

Baş inersiýa okunyň ýagdaýy şeýle hasaplanýar.

tgαo= $-\frac{2I_{yx}}{I_{xc}-Y_{yc}}$ **(32)**

Baş moment inersiýasy şeýle hasaplanýar

I$\frac{max}{min}=\frac{I_{yc+I_{xc}}}{2}\pm\frac{1}{2}\sqrt{(I_{yc}-I_{xc})^2+4I_{xcyc}^2}$ **(33)**

3.4 Dürli kese-kesikleriň geometriki häsiýetnamalary

№	Şekil	Şekiliň ady	Meýdany (A)	X-okyna görä moment inersiýasy (Y_x)	Y-okyna görä moment inersiýasy (Y_y)	Garşylyk momenti (W)	Polýar moment inersiýasy (Y_p)
1		Kwadrat	$A = a^2$	$Y_x = \frac{a^4}{12}$	$Y_y = \frac{a^4}{12}$	$W = \frac{a^3}{6}$	$Y_p = \frac{a^4}{6}$
2		Gönüburçlyk	$A = b \cdot h$	$Y_x = \frac{bh^3}{12}$	$Y_y = \frac{h \cdot b^3}{12}$	$W_x = \frac{bh^2}{6}$ $W_y = \frac{b^2 h}{6}$	$Y_p = \frac{bh}{12}(b^2 + h^2)$
3		Trapesiýa	$A = \frac{1}{2}(b_y + b_a) \cdot h$	$Y_x = \frac{h^3(b_a{}^2 + 4b_a \cdot b_y +}{36\,(b_a + bý)}$ $Y_a = \frac{b_a + 2b_y}{3\,(h_y + h_a)} \cdot h$	$Y_y = \frac{h}{48} \cdot \frac{b_a{}^4 - b_y{}^4}{b_a - b_y}$ $Y_a = \frac{2b_a + b_y}{3\,(b_a + b_y)} \cdot h$	$W_{xa} = \frac{Y_x}{y_a}$ $W_{xy} = \frac{Y_x}{y_y}$	—

4		**Tegelek**	$A=\frac{\pi d^2}{4}$ $=0{,}785d^2$	$Y_x=\frac{\pi d^4}{64}=0{,}05d^4$	$Y_y=\frac{\pi d^4}{64}=0{,}05d^4$	$W_x=W_y$ $=\frac{\pi d^3}{32}=$ $=0{,}1d^3$	$Y_p=2Y_y$ $=\frac{\pi d^4}{32}$
5		**Halka**	A $=\frac{\pi D^2}{4}\cdot(1-2^2)$ $\alpha=\frac{d}{D}$	$Y_x=\frac{\pi d^4}{64}(1-2^4)$ $=$ $=0{,}05D^4\cdot(1-2^4)$	$Y_y=Y_x=$ $=0{,}05d^4\cdot(1-2^4)$	$W_x=W_y=$ $=\frac{\pi D^3}{32}(1-2^4)=$ $0{,}1D^3(1-2^4)$	$Y_p=2Y_x$ $=2Y_y=$ $=\frac{\pi d^4}{32}$ $=0{,}1d^4$
6		**Ýarym halka**	$A=\frac{\pi d^2}{8}$ $=0{,}392d^2$	$Y_x=\frac{\pi d^4}{128}$ $Y_a=0{,}2122d$ $Y_ý=0{,}2878d$	$Y_y=Y_x=\frac{\pi d^4}{128}=$ $=0{,}025d^4$	$W_{ya}=0{,}2587r^3$ $W_{yý}=0{,}1908r^3$	—

4. Dartgynlyk ýagdaýynyň teoriýasy

4.1 Konstruksiýanyň böleklerinde döreýän dartgynlyk ýagdaýynyň görnüşleri barada düşünje

Konstruksiýanyň bölekleriniň özara täsirini her nokatda normal we galtaşma güýjenmeleri bilen häsýetlendirip bolar. Nokadyň üstünden geçýän meýdançalarda ýüze çykýan normal we galtaşma güýjenmeleriniň bilelikdäki ýagdaýy nokadyň dartgynlyk ýagdaýyny häsýetlendirýär.

a). Eger seredilýän nokadyň üstünden $\tau = 0$ we $\sigma = 0$ deň bolan ýekejede meýdança geçip bolmaýan bolsa onda nokadyň bu ýagdaýyna giňişleýin dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýada üç okly dartgynlykýagdaýy diýilýär.

b). Eger seredilýän nokadyň diňe bir meýdançasyndan ($\tau = 0$ we $\sigma = 0$) getirip bolýan bolsa onda onda bu ýgdaýa tekiz dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýa –da iki okly dartgynlyk ýagdaýy diýilýär.

g). eger nokadyň üstinden iki sany ($\tau = 0$ we $\sigma = 0$) meýdançalaryny geçirip bolýan bolsa onda bu ýagdaýda göni dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýa –da bir okly dartgynlyk ýagdaýy diýilýär.

Tekiz dartgynlyk ýagdaýy.

Tekiz dartgynlylyk ýagdaýynda seredilýän nokadyň üstinden normal we galtaşma güýjenmesi nula deň bolan bir tekizlik geçirip bolýar.



1-nji surat

Normal we galtaşma güýjenmeleriň aňlatmalary

Süýnme normal güýjenme položiteldir. Gysylma normal güýjenme otresateldir.

Galtaşma güýjenmesini häsýetlendirýän wektor 1 – nji suratda görkezilen prizmany sagat strelkasynyň ugryna aýlamaga ymtylýan bolsa onda ol položiteldir. Sagat strelkasynyň garşysyna aýlasa bolsa otresateldir.

Eger prizmanyň ab tarapy sb tarapy bilen birleşmek üçin sagat strelkasynyň garşysyna aýlanýan bolsa onda α –burçy položiteldir.

2 – sany biri –birine perpendikulýar tekizlikde galtaşma güýjenmeleri ululyklary boýunça deňdir we alamatlary boýunça garşydyr.

$$\tau_y = -\tau_x \quad (1)$$

Bu ýagdaýa galtaşma güýjenmeleriň jübitlik kanuny diýilýär.

Eger 2 –sany biri–birine perpendikulýar merkezdäki galtaşma we normal güýjenmeleri belli bolan ýagdaýynda seredilýän nokadyň üstünden geçýän islendik merkezdäki güýjenmäni şeýle aňlatma bilen tapmak bolar.

$$\begin{cases} \sigma_\alpha = \sigma_x \cos^2\alpha + \sigma_y \sin^2\alpha + \tau_x \sin2\alpha; & (2) \\ \sigma_\alpha = \dfrac{\sigma_x - \sigma_y}{2} \sin2\alpha - \tau_x \cos2\alpha; & (3) \end{cases}$$

Özara perpendikulýar tekizliklerde normal güýjenmeleriň jemi hemişelikdir.

$$\sigma_{\alpha1} + \sigma_{\alpha2} = \sigma_x + \sigma_y = const. \quad (4)$$

Dartgynlyk ýagdaýyna baha bermek üçin berilen nokatdan üç sany biri –birine perpendikulýar tekizlikler geçirýärler. Eger bu tekizlikleriň bolmanda birinde $\sigma = 0$ we $\tau = 0$ deň bolsa onda ol tekiz dartgynlyk ýagdaýyna geçýär.

2 –sany biri –birine perpendikulýar tekizligiň kömegi bilen islendik meýdançanyň dartgynlyk ýagdaýyny hasaplamak bolýar.

Islendik dartgynlyk ýagdaýy birnäçe dartgynlyk ýagdaýyň jemi hökmünde seredip bolar. Bu ýagdaýda güýjenmäniň urnaşdyrma ýörelgesi diýilýär.

Tekiz dartgynlyk ýagdaýy


σy
τx
σx
τy
τy
σx
τx
σ


σy
τx
σx
τy
τy
σx
τx
σy



3– nji surat

4.2 Baş güýjenmeler we baş meýdançalar barada düşünje

Injener desgalaryň hasaplaty amala aşyrylanda seredilýän nokadyň üstünden geçýän her bir merkezlikde ýüze çykýan normal we galtaşma güýjenmeleriň bahalaryny tapmak hökman däldir. Olaryň maksimal we minimal bahalaryny tapmak ýeterlikdir.

Maksimal we minimal normal güýjenmelere baş güýjenmeler diýilýär. Olaryň ýüze çykýan tekizligine bolsa baş meýdançalar diýilýär.

Baş meýdançalaryň ýagdaýy şeýle formula bilen tapylýar.

$$tg2\alpha_0 = \frac{2\tau_x}{\sigma_x - \sigma_y};(1)$$

$$tg2\alpha_0 = -\frac{2\tau_y}{\sigma_x - \sigma_y};(2)$$

Bu ýerde; α_o – baş meýdançanyň σ_x güýjenmesini emele getrýän merkezligine görä

ýapgyt ýagdaýyny häsýetlendirýän burç.

σ_x, σ_y – normal güýjenmesi.

τ_x, τ_y – galtaşma güýjenmesi.

Maksimal we minimal normal güýjenmesi.

$$\sigma_{\substack{\max\\ \min}} = \frac{\sigma_x + \sigma_y}{2} \pm \frac{1}{2} \cdot \sqrt{(\sigma_x - \sigma_y)^2 + 4\tau_x^2}\ ; \quad (3)$$

<u>Galtaşma güýjenmeleri.</u>

Maksimal we minimal galtaşma güýjenmeleriň ýüze çykýan süýşme meýdançalary diýilýär.

$$tg2\alpha_1 = -\frac{\sigma_x - \sigma_y}{2\tau_x}; \qquad (4)$$

α_1 – süýşme meýsdançalaryň σ_x güýjenmesini emele getirýän merkezligine görä ýapgyt ýagdaýyny häsýetlendirýän burç.

Ekstremal maksimal we minimal galtaşma güýjenmeleri.

$$\tau_{\substack{\max\\ \min}} = \pm\frac{1}{2} \cdot \sqrt{(\sigma_x - \sigma_y)^2 + 4\tau_x^2}\ ; \quad (5)$$

5. Towlanma deformasiýasy

5.1 Esasy düşünje

Towlanma işleýän konstruktiw bölekleriň kese-kesiginde diňe bir içki güýç ýüze çykýar. Bu ýagdaýa towlanma deformasiýasy diýilýar. Towlanma esasy hem maşym mehanizimleriň walynda, pružinlerde ýüze çykýar. Towlanma goşa güýç bilen görkezilýär. Ol güýçler konstruksiýanyň boý güýçlerine perpendikulýar tekizlikde ýatýan güýçler bolmalydyrlar.

5.2 Towlanma momenti

Towlanma deformasiýasynda kese –kesikde diňe bir içki güýç ýüze çykýar (M_t).



1 – nji surat

Berilen shemanyň towlanma momendiniň epýuryny gurmaly.

I – I kese –kesik.

$\Sigma M_t = 0; \quad M_t + m_1 = 0; \quad M_t = -m_1;$

$\Sigma M_t = 0; \quad M_t + m_2 + m_1 = 0; \quad M_t = -m_2 - m_1$





2 – nji surat

5.3 Towlanmada döreýän güýjenme we deformasiýa

Bu ýagdaýda diňe M_t ýüze çykýar. Towlanma momendiniň içki güýçleri hasaplanandan soňra ol hasaplamalaryň esasynda içki güýçleriň epýurlary gurylýar. Ol epýuryň esasynda momendiň maksimal bahasy hasaplanýar. Maksimal bahasynyň opsalýut ululygy alynýar. Onuň esasynda towlamnanyň berkligine baha berilýär.



Towlanma işleýän steržine wal diýilýär



3 – nji surat

X – artsa we M_t artsa onda φ – de artýar. Onda eger waly döwme ýagdaýyna eltseň onda $\varphi = f(M_t)$ üýtgemegi şeýle grafik bilen görkeziler.



4 – nji surat

M_{pr} – bu arada φ bilen M_t arasynda göni proporsionallyk saklanýar. (φ; M_t).

M_{ak} – akmaklyk çägi.

$M_{döw}$ – döwülmek çägi.   φ-aýlanma burçy



5-nji surat

$\tau = Q/A$; $Q = \tau A$; $Q = \tau \cdot dA$; $M_t = Q \cdot \rho$;

$$M_t = \int_A \rho \cdot \tau_\rho \cdot dA; \qquad (1)$$

1) Towlanmada kesikleriň arasy üýtgemeýär.

2) Boý çyzyklar wint ýaly bolýarlar.
3) Göni burçlar üýtgeýärler.
4) Kesikdäki radiuslar dogrylygyna galýarlar.
5) Boý çyzyklar biri-birlerine görä orun üýtgeme deformasiýasy bolup geçýär.
6) Kese-kesik deformirlenýär we soň öz kese- kesikligine galýar.

5.4 Tegelek pürs towlananda emele gelýän baş güýjenme we potensial energiýa



6 – njy surat

$$\text{tg}\gamma \approx \gamma = \frac{b^I b}{ab^I} = \frac{rd\varphi}{dz} = r\cdot\theta; \qquad \frac{d\varphi}{dz} = \theta;$$

θ – otnositel deformasiýa

$\gamma = r\theta$; (2)

$\gamma = \tau/G$; $\tau/G = r\theta$; $\tau_r = G\cdot r\cdot\theta$; (3)

$$\tau_\rho = G\alpha\rho; \qquad M_t = \int_F \rho \cdot \sigma \cdot \theta\rho dF = \sigma\theta \int_F \rho^2 dF = G\theta I_p;$$

$$M_t = G\theta I_p; \qquad (4)$$

$$\theta = \frac{d\varphi}{dz} = \frac{M_t}{GI_p}; \qquad \theta = \frac{M_t}{GI_p}; \qquad (5)$$

GI_p – konstruksiýanyň gatylygy (kg·sm^2).

Doly towlanma burçy

$$\varphi = \int_0^l \frac{M_t}{GI_p} dz = \frac{M_t}{GI_p}\int_0^l dz = \frac{M_t}{GI_p}\int_0^l dz = \frac{M_t \cdot l}{GI_p}; \quad \varphi = \frac{M_t \cdot l}{GI_p}; \ (6)$$

l/GI_p – walyň gatylygy.

$$\tau_\rho = G \cdot \frac{M_t}{GI_p} \cdot \rho = \frac{M_t \cdot \rho}{I_p}; \qquad \tau_\rho = \frac{M_t \cdot \rho}{I_p}; \qquad (7)$$

$$\tau_{max} = \tau_r = \frac{G \cdot r \cdot M_t}{GI_p} = \frac{M_t \cdot r}{I_p}; \qquad \tau_{max} = \frac{M_t \cdot r}{I_p}; \qquad (8)$$

$$\tau_{max} = \frac{M_t}{W_p}; \qquad (9) \qquad W_p = \frac{I_p}{r}; \qquad (10)$$

W_p – polýar gurluşyk momenti.

Tutuş wal üçin

$$\tau_{max} = \frac{16M_t}{\pi d^3}; \quad (11) \qquad W_p = \frac{I_p}{r} = \frac{\pi r^3}{2} = \frac{\pi d^3}{16};$$

Turba şekilli wal üçin

$$\tau_{max} = \frac{16M_t}{\pi D^3(1-\alpha^4)}; \quad (12) \qquad \alpha = d/D; \qquad W_p = \frac{I_p}{D/2} =$$

$$\frac{\pi D^3}{16}(1-\alpha^4);$$

Potensiýal energiýa $\quad U = \sum\int_l \frac{M_t^2 dx}{2GI_p}$ **;**

5.5 Towlanma işleýän konstruksiýalaryň berkligini we gatylygyny hasaplamak.

Beriklik kanuny

$\tau_{max} = M_t/W_p \le [\tau]$; (13) $\qquad W_p \ge M_t/[\tau]$;

Tutuş walyň diýametri

$$\mathbf{d} \ge \sqrt[3]{\frac{16M_t}{\pi[\tau]}}; \quad \mathbf{(15)}$$

onda eger α – berilen bolsa daşky diýametr

$$D \ge \sqrt[3]{\frac{16M_t}{\pi(1-\alpha^4)[\tau]}}; \quad (16)$$

$$M_t = 71620\frac{N}{h}; \quad (\text{kg·sm}) \quad (17)$$

N – kuwwat, n – 1 minutdaky walyň aýlanma sany

$$d \ge 71{,}4\sqrt[3]{\frac{N}{n[\tau]}}; \quad (18) \qquad D \ge 71{,}4\sqrt[3]{\frac{N}{n[\tau](1-\alpha^4)}}; \quad (19)$$

Eger kuwwat kilowatda berilen bolsa (1at güýji = 0,736 kwt)

$$M_t = \frac{71630K}{0{,}736n} = 97360\,\frac{K}{n}\ \text{kg·sm.} \quad (20)$$

Berklikden başgada waly gatylygada barlaýarlar

$$\theta_{max} = \frac{M_t}{GI_p} \le [\theta]; \quad (21)$$

Onda bu ýerde gatylygy saklamaga gerek inersiýa momenti

$$I_p \ge \frac{M_t}{G[\theta]}; \quad (22)$$

Tutuş walyň diýametri

$$d \geq \sqrt[4]{\frac{32M_t}{\pi G[\theta]}}; \qquad (23)$$

Daşky diýametri.

$$D \geq \sqrt[4]{\frac{32M_t}{\pi(1-\alpha^4)G[\theta]}}; \qquad (24)$$



5.6 Kese- kesigi tegelek bolmadyk pürsiň towlanmasy.

Bu ýerde kese – kesigiň tekiz ýagdaýy ulanylmaýar.

$$\tau_{max} = \frac{M_t}{W_t}; \qquad \theta = \frac{M_t}{GI_t}; \qquad (25) \qquad \varphi = \frac{M_t \cdot l}{GI_t};$$

I_t we W_t – şertli parametrler. Olaryň bahalary tablissada berilen.



$W_t = \alpha b h^2$;

h –uzyn tarapy,

b –kelte tarapy,

α – koeffisent, $\alpha = h/b$. Inçe tarapdaky güýjenme.

$\tau = \gamma \tau_{max}$; (26) $I_t = \beta h b^2$; (27)

h/b	1	1,5	∞
α	0,208	0,231	0,333
β	0,141	0,196	0,333
γ	1,00	0,859	0,743



Onda A nokatda τ^{I} we τ^{II} ugry gabat gelýär, onda

$$\tau_{max} = \tau^{I} + \tau^{II}_{max} =$$

$$\frac{4P}{\pi d^2} + \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3} = \frac{4P}{\pi d^2}\left(1 + \frac{4R}{d}\right);$$

Berklik kanuny

$$\tau_{max} = \frac{M_t}{\alpha h b^2} \le [\tau];$$

$$\theta_{max} = \frac{M_t}{\beta h b^2 G} \le [\theta]; \qquad (28)$$

$$Q = P; \qquad M_t = Q \cdot R = P \cdot R;$$

$$\tau^{I} = \frac{Q}{F} = \frac{P}{\pi r^2} = \frac{P}{\pi\left(\frac{d}{2}\right)^2} = \frac{P}{\pi d^2 / 4} = \frac{4P}{\pi d^2}; \qquad \tau^{I} = \frac{4P}{\pi d^2}; \quad (29)$$

Towlanýan pürsiň hasaplanylşy Silindir görnüşli purjiniň hasaplanyşy.
τ^{I} – kesimden (srez).

$$\tau^{II} = \frac{M_t}{W_p} = \frac{PR}{W_p} = \frac{PR}{\pi d^3/16} = \frac{16PR}{\pi d^3}; \quad W_p = \frac{\pi d^3}{16};$$

$$\tau^{II} = \frac{16PR}{\pi d^3}; \qquad (30)$$

d – pürjiniň döredýän simiň diýametri

$$\tau_{max} = \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3}\left(1 + \frac{d}{4R}\right) = \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3} + \frac{16 \cdot PRd}{\pi d^3 \cdot 4R} = \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3} + \frac{4P}{\pi d^2};$$

$$\tau_{max} = \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3}\left(1 + \frac{d}{4R}\right); \qquad (31)$$ Eger $\frac{d}{4R} \angle 1$ onda

$$\tau_{max} = \frac{16 \cdot PR}{\pi d^3}$$ inçe simler üçin

Towlanma deformasiýasyna işleýän konstuksiýalaryň berkligi, gatylygy durnuklylygy ýokardaky görkezilen aňlatmalaryň kömegi bilen hasaplanýar.

6. Orun üýtgeme deformasiýasy

6.1 Arassa orun ütgeme emeie gelýän deformasiýa

Eger kese – kesigiň sepleşýän nokadyna diňe galtaşma güýjenmesi täsir edýän bolsa onda bu ýzgyýa arassa orun ütgeme diýilýär.



$$\left.\begin{aligned} \sigma_\alpha &= \tau \sin 2\alpha \\ \tau_\alpha &= - \tau \cos\alpha \end{aligned}\right\} \qquad (1)$$

1- nji surat

$\alpha = 0$, $\alpha = 90^0$ iň uly bahasyny alýar

Eger kese – kesik arassa orun üýtgeme ýagdaýda bolsa olaryň taraplarynyň uzynlygy üýtgemeýär. Ýöne taraplaryň arasyndaky burçlar üýtgeýärler.

AA^1 – absalýut deformasiýa.

$$\gamma = \frac{\tau}{\sigma}; \qquad (2)$$

$$\tau = \gamma \cdot \sigma \qquad (3)$$



2-nji surat

τ – galtaşma güýjenmesi, γ – otnositel deformasiýa, σ – oryn üýtgeme modeli, σ – ol materýalyň gatylygyny häsýetlendirýär. Ýagny döwülmä garşylygy görkezýär. Orun ütgemede Gukuň kanuny. E,G,μ parametrleriň arasyndaky baglanyşyk. $G = \frac{E}{2(1+\mu)}$; (4)

$\mu = |\varepsilon^1/\varepsilon|$; (5)

E – süýnme we gysylma moduly,

σ – orun üýtgeme moduly,

μ – Puassonyň koeffisienti (materýalyň maýyşgaklygyny häsýetlendirýär).



3 – nji surat

$\varepsilon^1 = \Delta b/b;$ $\varepsilon = \Delta l/l;$ $\sigma = (0{,}33 \div 0{,}5)E;$

$0 \le \mu \le 0{,}5$,

Polat üçin meselem, $\sigma = 0{,}4E$, $\sigma = 0{,}8 \cdot 10^6$ kg/sm^2;

6.2 Orun üýtgeme deformasiýasynda işleýän konstruktiw bölekleriň görnüşleri .

Köplenç konstruksiýalara güýç täsir edilende 2 güýjenmede ýüze çykýar, ýagny

$G = N/F;$ $\tau = \gamma \cdot G;$

ýöne $\sigma < \tau$ kiçi bolansoň ony diňe galtaşma güýjenmesine hasap edýärler we oňa orun üýtgemäni hasaplamasy diýilýär. Orun üňtgeme deformasiýasyna işleýän konstruksiýalar



4 – nji surat



5-nji surat



6-njy surat



7- nji surat

Seredilen konstruksiýalarda berklik kanunynyň kesgitlenişi.

$$\tau \le [\tau]; \ (6)$$

6.3 Berçinleme we boltlar bilen berkidilen konstruksiýalaryň hasaplanyş usullary.



Boltyň hasaby



8-nji surat

Boltlar hasaplananda P güýç çyzgyda görnüşi ýaly berilen lo bolta täsir edýär.

Boltyň berklik kanuny şeýle ýazylýar.

$$\tau_{max} = Q/A \leq [\tau]; \quad (7)$$

$$Q = P;\ A = \pi d^2/4 = \pi r^2; \quad \tau_{max} = \frac{4P}{\pi d^2} \leq [\tau]; \quad (8)$$

$$d = \sqrt{\frac{4P}{\pi[\tau]}}; \quad (9)$$

Boltuň duran ýerindäki ýumşamany kesgitlemek usullary.



$$\frac{q}{dA} = \frac{q_1}{dA_1} = \text{const};$$



9-njy surat

$$\frac{q}{q_1} = \frac{dA}{dA_1};$$

Onda silindiriň üste edýän güýjenmäniň maksimal bahasy,

$\sigma_{ýum} = \dfrac{P}{A_{sm}} = \dfrac{P}{\delta d}$; (10) $A_{sm} = \delta d$. $\sigma_{ýum} = \dfrac{P}{\delta d} \leq [\sigma_{ýum}]$;

(11) ýumşama.

$[\sigma_{ýum}] = (2 – 2{,}5)\,[\sigma]$; (12) onda $d \geq P/\delta[\sigma_{ýum}]$; (13)

2 - diýametrden ulysy alynýar we standarta tegelenýär. Onda bolt konstruktiw berkligini gowşadýar şol sebäpli ony berklige barlamaly.

$\sigma = P/A_{min} = P/(\delta(b – d)) \leq [\sigma]$; (14)

b –listiň ini.

Beriklemä hasaplama.



10-njy surat

N – hemme berçinlere deň paýlanan diýeliň. Eger d we δ berilen bolsa onda goýulmaly berçiniň sany şeýle hasaplanýar.

$\tau = \dfrac{N}{2i\dfrac{\pi d^2}{4}} \leq [\tau]$; (15) $i \leq \dfrac{2N}{\pi d^2[\tau]}$; (16) Ýa –da $\sigma_{ýum} =$

$\dfrac{N}{i\delta d} \leq [\sigma_{ýum}]$; (17)

$i = \dfrac{N}{\delta d[\sigma_{\text{эит}}]}$; (18)

bu ýerde; δ – listiň galyňlygy, d – berçiniň diametri,N – güýç,i – berçiniň sany, τ – galtaşma güýjenmesi, $[\tau]$ – galtaşma güýjenmesiniň çägi, $[\sigma_{ýum}]$ - galtaşma güýjenmesiniň çägi.

6.4 Kebşirlemä işleýän konstruktiw bölekleri hasaplamak



11 – nji surat

1,2,3 – kebşirlenen ýeri, δ – listiň galyňlygy.

1.Eger $\delta \leq 8$ mm. kiçi bolan ýagdaýda.

2.Eger $\delta = 8 - 20$ mm (2 şekile) bir tarapyndan kebşirlenýär.

3.Eger $\delta \geq 20$ mm köp bolsa 3 – şekil 2 tarapdan kebşirlenýär.

X – meňzeş birleşme bolýar.

Nirede kese –kesigi kiçi bolsa şol ýerde döwülme bolýar. Onuň beýikligi,

$m = \delta \cos 45^0 = 0,707\delta;$ (19)

Onda kebşirlemäniň meýdanyny şeýle hasaplanýar.

$A = ml = 0,707\delta l;$ (20)





12-nji surat

Deformasiýa	[σ]	El bilen kebşirleme	Awtomat usuly bilen kebşirleme.
Süýnme	[σ]	Oki elektrod 1000 kg/sm^2	Elektrod 1300 kg/sm^2
Gysylma	[σ]	1100 kg/sm^2	1400 kg/sm^2
Kesme	[τ]	1000 kg/sm^2	1100 kg/sm^2

Göni gapdalynyň hasaby.

ABCD – tekizlikde τ hemme ýerine deň ýaýrapdyr diýip alýarys (şertli).

$$A = 2ml = 2\cdot 0{,}707\delta l = 1{,}4\delta l; \quad (21)$$

2 tarapyň kebşirlenmesi hem göz öňüne tutylýar, şol sebäpli F(2) bar.

$$\tau = P/A \leq [\tau]; \quad \tau = P/A = P/1{,}4\delta l \leq [\tau_{br}]; \qquad (22)$$

Onda kebşirlemäniň gandal uzynlygy şeýle hasaplanýar.

$$l_p = \frac{P}{1.4\delta[\tau_{br}]}; \; (23)$$

$$l_p = l\text{-}10mm \quad (24)$$

ol doly kebşirlän bolmaýanlygy üçin alynýar.

Kese gandalynyň hasaby



13-nji surat

A = 2·0,707δ (l –10mm)= 1,4δ (l –10mm). Kesilmäniň beriklik kanunyna,

$\tau = P/A = \frac{P}{1.4\delta(l-10mm)} \leq [\tau_{br}]$; **(25)** onda kebşirlemäniň uzynlygy şeýle hasaplanýar.

$l = \frac{P}{1.4\delta[\tau_{br}]} + 10mm$; (26) Kesip girizmäniň hasaplamalary



Agaçdan ýasalan konstruksiýalar. <u>Sosna;</u> uzynlygyna – 400 kg/sm^2; <u>Dub;</u>uzynlygyna – 500 kg/sm^2;
keseligine – 50 kg/sm^2;
keseligine – 150 kg/sm^2;

Deformasiýanyň görnüşi.	Güýjenme .	[σ], [τ] kg/sm^2.	
		Sosna.	Dub.
Süýnme	$[\sigma_+]$	100	130
Gysylma sapajyklaryň uzaboýuna.	$[\sigma_-]$	120	150

$N_1 = N\cos\alpha$; (27)

Çykýan böleginiň uzynlygy – x.

$\tau_{max} = N/A_{gyr} = N_1/bx \leq [\tau]$, (28) $A_{gyr} = bx \geq N_1/[\tau]$; (29) $x \geq N_1/b[\tau] = N\cos\alpha/b[\tau]$; (30) onda hökman gerek meýdan (kesimiň salynýan ýerinde). $F_{gyr} = bx \geq N_1/[\sigma_{sm}]$; (31) Kesimiň salynmanyň çuňlugy. $y \geq N_1/b[\sigma_{sm}] = N\cos\alpha/b[\sigma_{sm}]$; (32)

$$[\sigma]_\alpha = \frac{[\sigma_{sm}]}{1 + \left[\frac{[\sigma_{sm}]}{[\sigma_{sm}]_{\frac{\pi}{2}}} - 1\right]\sin^2\alpha} ; \quad (33)$$

7. Egilme deformasiýa
7.1 Umumy düşünje

Süýnme we gysylma, towlanma deformasiýa wagtynda pürsiň okunyň ölçegi üýtgemän gelýär. Emma egilme deformasiýasynda pürsiň oky göni ýagdaýdan egri şekile geçär. Egilme deformasiýasynda M_{eg} içki güýji ýüze çykýar.Ol içki güýji kesikler usuly bilen tapýarlar.



1 – nji surat



2 – nji surat

Eger goýulan güýçler baş oklaryň birinde ýatýan bolsa onda

bu ýagdaýa göni egilme diýilýär. Eger goýulan güýç baş oklaryň hiç birinde ýatmaýan bolsa bu ýagdaýa gyşyk egilme

diýilýär.

Hasaplama geçirilýän pürsleriň dürli görnüşleri bolup biler. Kese – kesigi üýtgemeýän pürsler. A = const.

Kese – kesigi üýtgeýän pürsler kese – kesigi dürli pürsler bolup bilerler. Olar hasaplama şekilinde şeýle görkezilýär.

1)



a – ini, h – beýikligi, l – pürsiň uzynlygy.

2)



d – pürsiň diýametri, l – pürsiň uzynlygy.

3)



Kese – kesigi ugolnik.

Kese – kesigi dwutawr.



Kese – kesigi şweller.



7.2 Daýanç güýçleri we olaryň görnüşleri. Egilme deformsiýasynda ýüze çykýan içki güýçler. Içki güýçleri hasaplamak. Içki güýçlariň epýurlayny gurmagyň usullary.



ŞARNIRLI GOZGANMAÝAN DAÝANÇ GÜÝJINI DÜZÜJILER

-Wertikal ugrukdyrlan daýanç täsir güýji
-Gorizontal ugrykdyrlan daýanç täsir güýji.
-Daýanç reaktiw momenti.

Daýanç güçleri deňagramlyk deňlemeleriň kömegi bilen tapylýar we dogrulygy barlanýar. Daýanç güýçleri tapylyp barlanylandan soň içki güýçleri tapmaga girişýäris. Içki güýçleriň položitel ugurlary koordinata oklary bilen gabat gelýär.

Pürsüň kese-kesikden çep bölegi **Pürsüň kesekesikdençep sag bölegi.**



3-nji surat

N-boý güýç, *Q*-kese güýç, *M*- egiji moment.

Göni kese egilmede kese-kesikde diňe 2 içki güýç ýüze çykyar.(*Q* we *M*) . Olary kesikler usuly bilen tapýarlar.

Bizi gyzyklandyrýan nokatda kese-ke3sik geçirýäris we pürsüň bir böleginiň içki güýçler bilen bilelikde deňagramlylyk ýagdaýyny seredýäris. Daýançlary daýanç güýji bilen çalşyrýarys. Mysal seredip geçeliň.



4-nji surat

Deňagramlylyk deňlemesini (I) peýdalanyp daýanç güýçlerini, tapýarys

$\sum M_c=0$, $R_A(a+b)-P\cdot b=0$

$\sum M_A=0$, $-R_C(a+b)=P\cdot a=0$

$\sum Y=0$, $R_A-P+R_C=0$

Indi kese-kesikler usuly bilen içki güýçleri tapalyň

.Pürsüň kese-kesikden çep bölegi | **Pürsüň kesekesikdençep sag bölegi.**



5-nji surat

$\sum M_1=0$, $M_1-R_AX_1=0$, $M_1= R_AX_1$
$\sum Y=0$, $-Q_1+R_A=0$, $Q_1=R_A$
$\sum X=0$, $N_1=0$

Egiji moment göni çyzykly deňleme ýaly üýtgeýär. Onuň bahasy x okuň üýtgemesi bilen üýtgeýär. Içki güýçleriň güýjenme bilen baglabşygy şeýle aňladylýar.

$$\begin{cases} N = \int\limits_F \sigma dF \\ Q = \int\limits_F \tau_y dF \\ M_z = \int\limits_F \sigma_y dF \end{cases} \qquad (16)$$

Içki güýçleriň (M_1,Q) epýuryny gurmagyň tertibi.

1.Pürse goýlan daşky güýçler bilen bile şekillendirlen hasaplaýyş shemasyny çyzmaly.

2.Sistemany daýançlardan boşadyp, olaryň ýerine daýanç güýçlerini goýmaly.Daýanç güýçleriniň poloäitel ugurlaryny görkezilýär.

3.Deňagramlyk deňlemesinden peýdalanyp daýanç güýçleriniň bahasyny hasaplamaly.

4.Berlen pürsi böleklere bölýärler. Ol bölekleriň araçägi bir nokada goýlan güýçleriň ýa-da momentiň başlanan we gutaran ýeri bilen çäklenýär şeýlede deň ýaýradylan ýükleriň başky we soňky nokady bilen çäklenýär.

5.Egiji momendiň we kese güýjüň deňlemesi düzülýär. Hasaplaýyş shemasynda bölegiň başky we soňky araçägi görkezilýär.

6.Düzülen deňlemäniň esasynda içki güýçleriň epýuryny gurmak üçin bälünen böleklerde ordinatalaryň bahalaryny hasaplamaly. Eger-de seredilýän böleklerde epýur egri çyzyk bilen üýtgeýän bolsa onda şol bölegiň 3 nokadynda bahasyny tapmaly.

7. Haýsy böllekde içki güýçler özüniň iň uly we iň kiçi bahalaryna eýe bolýan bolsa şol bahalary tapmaly

M_{max}; M_{min}.

8.Alnan bahalaryň esasynda *Q* we *M* epýury gurmaly.

Birrnäçe mysallara seredeliň.

1-nji mesele

Meseläniň şerti: Berlen hasaplaýyş shemalary üçin geometrik ölçegler, güýçleriň goýluş ýagdaýlary belli bolan halatda şeýle şertleri tapmak talap edilýär.

1.Daýanç güýçlerini tapmaly.

2.Içki güýçleri tapmaly we olaryň epýuryny gurmaly,

3.M_{max} we M_{min} bahalaryny tapmaly. Daýanç güýçleri tapalyň.

$\sum M_D=0$

$$R_A \cdot 6+P \cdot 4+m-q \cdot 1 \cdot 0.5=0$$

$$R_A=(P \cdot 4-m+q \cdot 1 \cdot 0.5)/6=(10 \cdot 4-6+8 \cdot 1 \cdot 0.5)/6= 6.33kN.$$

$$=40-6+4/6=38/6=38/6=$$

$\sum M_A=0$

$$p \cdot a+m+q \cdot 1(a+b+c/2)-R_D \cdot 6=0$$

$$R_D=(10 \cdot 2+6+8 \cdot 5.5)/6=11.6\ kN.$$

Barlagy:

$\sum Y=0, \quad R_A-P-qc+R_D=0, \quad -18+18=0$

Berlen pürs 3 bölekden ybarat (*AB*,*BC* we *CD*)



6-njy surat

AB bölege seredeliň (I-I kese-kesik).

$\sum Y=0; \sum X=0, \quad -Q_1+R_A=0\ ; \quad H_A=0$

$Q_1=R_A=6.4\ kN$

$\sum X=0, \quad N_1+H_A=0, \quad N_1=-H_A=0$

$\sum M_1=0, \quad M_1-R_A X_1=0, \quad M_1=R_A X_1=6.4X_1$



Alnan deňleme göni çyzygyň deňlemesidir.

$0 \leq X_1 \leq 2$

$X_1=0, \quad M_1=6.4 \cdot 0=0$

$X_1=2, \quad M'_1=6.4 \cdot 2=12.8kN$

BC bölek (II-II kese-kesik)

$\sum Y=0, \quad -Q-P+R_A=0$

$Q_2=-P+R_A=-10+6.4=-3.6$

$\sum M_2=0,$

$M_2+PX_2-R_A(X_2+2)=0$



$M_2=-PX_2+R_A(X_2+2)=-10X_2+6.4(X_2+2).$

$0 \leq X1 \leq 3$

$X_2=0, \quad M2=6.4 \cdot 2=12.8 \text{ Kn m},$

$X_2=3m, \quad M_2=-10 \cdot 3+6.33 \cdot 5=1.60 \text{ Kn m}.$

CD –bölek (III-III bölek)

$\sum Y=0;$

$Q_3=-Qx_3+R_D=0,$

$Q_3=Qx_3-RD=8X_3$ $-11.\sum M_3=0,$



$$M_3+q\frac{x_3^2}{2}-R_Dx_3=0$$

$$M_3=\frac{-qx_3^2}{2}+R_dX_3 \quad , \qquad 0\le X\le 1$$

$X_3=0,$ $\quad M_3=0,$ $\quad Q3=-11.6kN$

$X_3=0.5m,$ $\quad Q_3=8\cdot0.5-11.6=4-11.6=-7.6$ kN

$\quad M_3=-4\cdot(0.5)2+11.6\cdot0.5=4.8$ kN·m

$X_3=1,$ $\quad Q_3=8-11.6=-3.6$ kN

$\quad M_3=-4(1)^2+11.6\cdot1=7.6$ kN·m

Çyzgydan görnüşi ýaly toplanan güýçleriň goýlan ýerinde epýuryny häsiýetlendirýän funksiýanyň üzülmegi bolup geçýär. Eger-de üzülýän nokatda funksiýanyň dürli bahalary okuň bir tarapynda bolsa, onda olaruň tapawudy berlen toplanan güýçlere deňdirler.Eger olaryň bahalary okdan dürli tarapda bolsa, olaryň jemi toplanan güýçlere deňdirler. Mmmendi häsiýetlendirýän çyzgydan görnüşi ýaly,pürse daşky toplanan moment goýlan kesikde M funksiýanyň üzülmegi bolup geçýär. Eger-de üzülýän nokatda funksiýanyň dürli bahalary okuň bir tarapynda bolsa, onda olaryň tapawudy berlen toplanan momente deňdir. Eger olaryň bahalary okdan dürli tarapda bolsa, olaryň jemleri toplanan momente deňdir.

2-nji mesele

Meseläniň şerti: Berlen hasaplaýyş shemalary üçin geometrik ölçegler, güýçleriň goýluş ýagdaýlary belli bolan halatda şeýle şertleri tapmak talap edilýär.

1.Daýanç güýçlerini tapmaly.

2.Içki güýçleri tapmaly we olaryň epýuryny gurmaly, 3.M_{max} we M_{min} bahalaryny tapmaly. Daýanç güýçleri tapalyň.

Berlişi :

$q=2t/m$
$P=2t$
$P_1=3t$
$h_1=1m$
$h_2=2m$
$a=2m$
$b=1m$



7-nji surat

Ilki daýanç güýçlerini tapalyň.

$\sum M_D=0$

$R_A \cdot a+P_1 \cdot h_2-q \cdot a \cdot a/2+P \cdot b=0.$

$R_A= (-3 \cdot 2+4-2)/2=-4/2=-2T$

Alamatyň minus çykmagy alnan ugruň nädogrydygyny görkezýär. Şol sebäbe görä R_A –ny üýtgetmeli.

$\sum M_A=0$

$P_1 \cdot 2+q \cdot 2 \cdot 1-R_D \cdot a+P \cdot 3=0$

$R_D= (P_1 \cdot 2+q \cdot 2 \cdot 1-R_D \cdot a+P \cdot 3)/a=(6+4+6)/2=8T.$

Alamatyň plus bolmagy ilki başda alnan ugruň dogrydygyny görkezýär.

$\sum X=0;\quad H_A+P_1=0;\quad H_A=-P_1=-3T$

Barlag : $\sum Y=0$

$-R_A-q \cdot a+R_D-P=0,\quad -2-2 \cdot 2+8-2=-8+8=0$

Içki güýçleri tapmak üçin berlen desgany 6 bölege bölýäris.

AB bölek (I-I-kesik)

$\sum Y=0, \quad N_1-R_A=0;$
$N_1=R_A=2T$
$\sum X=0, \quad -H_A+Q_A=0;$
$Q_1=H_A=3T$
$\sum M_1=0, \quad M_1-H_AY_1=0; \quad M_1=H_AY_1$
$0\le Y_1\le 2m$
$Y_1=0; \quad M_1=0$
$Y_2=0; \quad M_1^{/}=3\cdot 2=6T\cdot m$



BC-Bölek (II-II-kesik)

$\sum Y=0 \quad N_2-R_A=0$
$N_2=R_A=2T$
$\sum X=0 \quad Q_2+P_1-H_A=0$
$Q_2=H_A-P_1=3-3=0$
$\sum M_2=0 \quad M_2+P_1Y_2-H_A(2+Y_2)=0$
$M_2=H_A(2+Y_2)-P_1Y_2=3(2+Y_2)-3Y_2$
$0\le Y_2\le 1$
$Y_2=0, \quad M_2=3\cdot 2-0=6T\cdot m$
$Y_2=1, \quad M_2^{/}=3(2+1)-3\cdot 1=9-3=6T\cdot$



CK-Bölek (III-III-kesik)



$\sum Y=0$

$-R_A-qX_3-Q_3=0$

$Q_3=-R_A-qX_3=-2-2X_3$

$\sum X=0 \qquad N_3+P_1-H_A=0$

$N_3=H_A-P_1=3-3=0$

$$\sum M_3=0,$$

$$M_3+\frac{q_3X_3^2}{2}+P_1\cdot l-H_A\cdot 3+R_A\cdot X_3=0$$

$M_3=-X_3^2-3+9-2X_3$

$0\le X_3\le 2$

$X_3=0, \quad Q_3=-2T \quad M_3=6\ Tm.$

$X_3=1, \quad Q_3=-2-2\cdot 1=-4\ T, \quad M_3=-1+6-2=3\ Tm$

$X_3=2, \quad Q_3=-2-2\cdot 2=-6\ T \quad M_3=-4+6-4=-2\ Tm$

ED-Bölek (IV-IV-kesik)

$\sum Y=0, \quad N_4+R_D=0,$

$N_4=-R_D=-8\ T$

$\sum X=0, \quad Q_4=0$

$\sum M_4=0, \quad M_4=-0$



ET- Bölek (V-V kesik)

$\sum Y=0$, Q_5-$P=0$,
Q_5-$=P=2T$
$\sum X=0$, $N_5=0$
$\sum M_5=0$, $M_5+P\cdot X_5=0$,
$M_5=-P_{X3}=-2_{X3}$
$0\leq X_3\leq 1$; $X_5=0$,
$M_5=0$, $X_5=1$, $M_5=-2T\cdot m$.



EK-Bölek (VI-VI kesik)



$\sum Y=0$;
$N_6+R_D+P=0$,
$N_6=-R_D+P=-8+2=-6T$
$\sum X=0$, $Q_6=0$
$\sum M_6=0$, M_6-$P1=2T\cdot M$

Alnan netijeleri tablisa geçirýäris.

Seredilýän bölekler	Içki güýçler N, Q, M		
	$N(T)$	$Q(T)$	$M(T\cdot M)$
AB	2	3	0
			6
BC	2	0	6
			6
CK	0	-2	6
			3
		-6	
			-2
ED	-8	0	0
ET	0	2	0
			-2
EK	-6	0	2
			2



8-nji surat

3-nji mesele

Meseläniň şerti:

Berlen hasaplaýyş shemalary üçin geometrik ölçegler, güýçleriň goýluş ýagdaýlary belli bolan halatda şeýle şertleri tapmak talap edilýär.

1.Daýanç güýçlerini tapmaly.

2.Içki güýçleri tapmaly we olaryň epýuryny gurmaly,

3.M_{max} we M_{min} bahalaryny tapmaly. Daýanç güýçleri tapalyň.

$P_2=12kN, \quad q=6kN/m, \quad a=2m, \quad b=3m$

$\sum M_B=0; \quad R_A \cdot b - qb^2/2 + P_2 \cdot a = 0$

$$R_A = \frac{\frac{qb^2}{2} - P_2 a}{b} = \frac{6 \cdot 1{,}5 \cdot 3 - 24}{6} = 1kN$$

$$\sum M_A = 0, \quad -R_b \cdot b + \frac{qb^2}{2} + P_2(a+b) = 0$$

$$R_b = \frac{\frac{qb^2}{2} + P_2(a+b)}{b} = \frac{6 \cdot 1{,}5 \cdot 3 + 12 \cdot 5}{6} = 24kN$$

Barlagy:

$\sum Y=0; \quad R_A - qb + R_b - P_2 = 1-18+29-12=0$

BC-bölek (I-I kese-kesik)

$Q_1=P_2=12kN, \; M_1=-P_2X_1, \quad 0 \le X_1 \le a, \; N_1=0$

$X_1=0, \quad M_1=0$

$X_1=a, \quad M_1=-24kN \cdot m$

AB-bölek (II-II kese-kesik)

$Q_2=R_A \cos\alpha - q \cos\alpha \, x_2=(R_A-qX_2) \cos\alpha$

$M_2=R_AX_2-qX_2/2;$

$N_2=-R_A \sin\alpha + \sin\alpha \, X_2 \qquad 0 \le X_2 \le b$

$X_2=0, \quad Q_2=0.707kN, \quad M_2=0, \quad N_2=-0.707kN$

$X_2=0.167, \qquad M_2=0.083kN \cdot m$

$X_2=1m, \qquad M_2=-2kN \cdot m$

$X_2=3m, \qquad Q_2=-12.02kN, \quad N_2=12.02kN, \quad M_2=-24.08kN \cdot m$



9-njy surat



10-njy surat.

4-nji mesele

Meseläniň şerti:

Sistemanyň elementleri şarniriň kömegi bilen berkidilen ýagdaýynda olaryň daýanç güýçlerini we daşgy güýjüň täsiri netijesinde döreýän içki güýçleri tapmagy öwreneliň.

Berlişi:
b=3m
P_2=20mN
c=1m
q_1=10kN/m

Berlen mysalda 4 sany daýanç güýji ýüze çykýar.(H_A,R_A,R_B, we R_k) mysal statiki näbelli ýagdaýda görünse-de, onuň ortasynda ýerleşdirilen şarnir bu mysaly statiki belli ýagdaýa getirýär. Ýagny şeýle deňlemeler düzmek mümkinçiligi döreýär

$$\begin{cases} \sum M_A = 0 \\ \sum M_B = 0 \\ \sum M_K = 0 \\ \sum M_C = 0 \end{cases}$$

Bu bolsa 4 näbellini hem tapmagy mümkinçilik berýär.

Pürsüň aralygynda ýerleşirilen şarnir ol pürsi 2 basganüakly shema bölmäge mümkinçilik berýär. Şol sebüpli berlen shemany şeýle görnüşde görkezýäris.



11-nji surat

Mysaly goşmaça shemany işlemekden başlaýarys.

$\sum M_K=0,$
$R_C \cdot 2_C - P_2=0$

$$R_C = \frac{P_2 c}{2c} = \frac{20}{2} = 10\,kN$$

$\sum M_C=0,$
$P_2 \cdot c - P_K \cdot 2c=0$

$$R_K = \frac{P_2 c}{2c} = 10\,kN$$



CD-bölek (II-II kese-kesik)





$\sum X=0;$ $N_1=0;$ $-Q+R_C=0$ $Q_1=R_C=10kN.$
$\sum M_1=0;$ $M_1-R_C X_1=0,$ $M_1=R_C X_1=10X_1$ $0 \le X_1 \le C$
$X_1=0;$ $M_1=10 \cdot 0=0,$ $M_1=10 \cdot 1=10kN \cdot m.$

DK-bölek (II-II kese-kesik)

$\sum X=0, \quad N_2=0$

$\sum Y=0, \quad Q_2+R_K=0,$

$Q_2=-R_K=-10kN.$

$\sum M_2=0, \quad M_2-R_2X_2=0$

$M_2=R_KX_2=10X_2, \quad 0\leq X_2\leq C$

$X_2=0, \quad M_2=0, \quad X_2=1,$

$M_2=10kN\cdot m.$



Esasy shemany işlemäge girişýäris. Bu shema işlenende c nokatda däreýän daýanç güýjini esasy shema daşky güýç hökmünde ters alamaty bilen goýulýar.

$\sum M_B=0.$

$R_A\cdot 2b-q\cdot 2b\cdot b+R_C\cdot q_1\cdot C$
$C/2=0$

$$R_A=\frac{q_1\cdot 2b^2-R_c c-\dfrac{q_1c^2}{2}}{2b}=$$

$$=\frac{1\cdot 2\cdot 9-10\cdot 1-10\cdot 0{,}5}{6}=27{,}5kN$$

$\sum M_A=0;$

$q_1\cdot 2b\cdot b-$
$R_B 2b+q_1c(2b+c/2)+$

$+R_C(2b+c)=0$

$$R_b=\frac{10\cdot 2\cdot 9+10\cdot 1(66+0{,}5)+10{,}7}{2b}=52{,}5kN$$



Barlagy: $\sum Y=0; \quad R_A-q_1(2b+c)+R_B-R_C=0.$

$27.5-10\cdot 7+52.3-10=-80+80=0$

AB-bölek (I-I kese-kesik)

$\sum Y=0,$
$-Q_1 q_1 X_1+R_A=0$
$Q_1=-\ q_1 X_1+R_A=$
$=-10X_1+27,\ \ 0\leq X_1\leq 2b$
$X_1=0,$
$Q_1=27.5kN.$
$X_1=6,$
$Q_1=-60+27.5=-$
$32.5kN$



$$\sum M_2=0,\quad M_1+\frac{q_1 X_1^2}{2}-R_A X_1=0\,,\quad M_1=R_A X_1-\frac{-q_1 X_2^2}{2};$$

$X_1=0,\qquad M_1=0$
$X_1=2b,\qquad M_1=27.5\cdot b\text{-}5(6)^2=165\text{-}180=\text{-}15\ kN\cdot m.$

BC-Bölek (II-II kese-kesik)



$Q_2-q_1X_2-R_c=0$

$Q_2=q_1X_2+R_c=10X_2+10.$

$0\leq X_2\leq C$

$X_2=0$ $\quad$ $Q_2=0+R_C=10kN.$

$X_1=1$ $\quad$ $Q_2=10+10=20kN.$

$\sum M_2=0$ $\quad$ $M_2+\frac{q_1X_2^2}{2}+R_cX_2=0;$

$$M_2=\frac{-q_1X_2^2}{2}-R_cX_2;$$

$X_2=0,$ $M_2=0,$ $X_2=0.5,$ $M_2=-5(0.5)^2-10\cdot 0.5=-6.25$

$X_2=1,$ $M_2=-5\cdot 1^2-10\cdot 1=-15kN\cdot m.$



12-nji sura

Berilen meseläniň jemleýji epýury 12-nji suratda görkezilen

7.3 M, Q we q parametrleriň arasyndaky defferonsiýal baglanyşyk

Egilme momentini (M), kese güýç (Q) we berilen güýçleriň (q) arasyndaky
matematiki baglanşyga seredip geçeliň.





13 – nji surat

Şekilde iki kese – kesik geçirilen x we x+dx . Ol kesige ýekede bir notoda goýulan güýç düşmeli däl, diňeýaýran güýç bolmaly.

$$\Sigma y = 0, \quad Q - qdx - (Q + dQ) = 0; \quad dQ = -qdx;$$

